TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝAŞLAR GURAMASY WATANA WEPALY NESILLERI TERBIÝELEMEKDE WE JEBISLEŞDIRMEKDE, OLARYŇ GÜÝÇ-KUWWATYNY, AŇ-DÜŞÜNJESINI GARAŞSYZ ÝURDUMYZY ÖSDÜRMÄGE GÖNÜKDIRMEKDE ÖZ BORJUNY ÜSTÜNLIKLI ÝERINE ÝETIRIP GELÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
25-nji awgust, 2023. Belgisi 34/1548



# MAGTYMGULY ADYNDAKY ÝAŞLAR GURAMASY — ÝUNESKO-NYŇ BÜTINDÜNÝÄ ÝAŞLAR JEMGYÝETINIŇ RESMI AGZASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan ýaşlar baradaky parasatly syýasaty hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şonuň netijesinde Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlar ýurdumyzda giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmaga işjeň gatnaşýarlar. Munuň özi halkara jemgyýetçilik tarapyndan hem giňden ykrar edilýär. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasyna hoş habaryň gelip gowuşmagy hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

ÝUNESKO-nyň Sekretariatynyň Sosial we ynsanperwer ylymlary bölümçesiniň syýasat we maksatnamalar meseleleri boýunça direktory Anžela Melo öz hatynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzasy bolup durýandygyny uly şatlyk bilen habar berdi.

Bu jemgyýet ýaşlar tarapyndan döredilen we dolandyrylýan özboluşly dünýä derejesindäki merkez bolup durýar. Ol ÝUNESKO-nyň ýaşlar babatyndaky başlangyçlarynyň we beýleki ugurdaş taslamalaryň arasynda özara hereketleriň utgaşdyrylmagyna gönükdirilendir.

Bütindünýä Ýaşlar jemgyýeti ýaşlary öz guramalarynyň işine giňden çekmäge, ÝUNESKO bilen işjeň hyzmatdaşlyga höweslendirýär. Şeýle hem ÝUNESKO-nyň işine degişli taslamalary bilelikde öwrenmäge, işläp taýýarlamaga we durmuşa geçirmäge çalyşýan ýaşlar we ýaşlaryň guramalary üçin özbaşdak bilim giňişligi hökmünde çykyş edýär.

Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzasy diýlip ykrar edilmegi ýurdumyzyň halkara ýaşlar dialogyny pugtalandyrmak, şeýle hem ýaş nesliň ruhy-ahlak, medeni, aňpaýhas we beden taýdan sazlaşykly ösmegini üpjün etmek işindäki hyzmatlarynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Bu şanly waka mynasybetli Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde «Türkmenistan — ÝUNESKO: Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň strategik hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmekde türkmen ýaşlarynyň orny» atly dabaraly maslahat geçirildi.

Maslahatda çykyş edenler beýik akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň adyny buýsanç bilen göterýän Türkmenistanyň Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edilmeginiň ýurdumyzyň halkara ýaşlar dialogyny giňeltmekde bitirýän hyzmatlarynyň nobatdaky ykrarnamasy bolup durýandygyny bellediler.

Bu şanly wakanyň Watanymyzyň BMG-niň abraýly düzümine girmeginiň 30 ýyllygy bilen gabat gelmegi aýratyn buýsançlydyr. Bu düzüm bilen ýakyn hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. ÝUNESKO-nyň XXI asyryň möhüm meselelerini çözmek ugrunda medeni diplomatiýa arkaly durmuşa geçirýän çäreleri ýurdumyzyň ählumumy derejede parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmeginiň bähbidine öňe sürýän başlangyçlary bilen doly utgaşýar.

Ýeri gelende Türkmenistandan ÝUNESKO-nyň assosirlenen mekdepleriniň toruna 6 sany umumybilim berýän orta mekdebiň goşulandygyny, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň üçüsinde ÝUNESKO klublarynyň we ikisinde ÝUNESKO kafedralarynyň açylandygyny bellemek gerek. Bu bolsa bu gurama bilen ýaşlar syýasaty babatdaky hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigine doly şaýatlyk edýär.

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýeti ýaşlar üçin global platforma bolup, ol dünýädäki ýaşlaryň arasyndaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, nesilleriň arasyndaky bilimleri paýlaşmak, geljekki ýaş dünýäni gurujylar üçin hereketleri artdyrmak maksady bilen döredilendir. Bu başlangyç 2019-njy ýylyň 18-19-njy noýabrynda guramanyň baş edara binasynda, Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň 11-nji Ýaşlar forumynyň çäklerinde, dünýäniň ähli sebitlerinden öňdebaryjy ýaşlaryň jemlenip, mundan beýläk-de ÝUNESKO bilen ýaşlaryň arasyndaky halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen özara pikir alyşmalary esasynda öňe sürüldi. Halkara guramanyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň döredilmeginiň esasy iki maksady ÝUNESKO-nyň taslamalarydyr maksatnamalaryny işläp düzmekde we durmuşa geçirmekde ýaşlaryň işjeň, netijeli gatnaşmagyny höweslendirmekden hem-de artdyrmakdan, şeýle-de ýaşlaryň başarnyklary bilen baglanyşykly taslamalardyr maksatnamalary öz içine alýan giňişlikde bilelikde öwrenmekden we işlemekden ybaratdyr. Ol garaşsyz ýaşlar jemgyýeti hökmünde döredildi. Oňa 18-35 ýaş aralygyndaky ýaşlar we ýaşlaryň ýolbaşçylygyndaky guramalar goşulyp, olar ÝUNESKO-nyň mandaty bilen baglanyşykly başlangyçlary durmuşa geçirmekde özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

1991-nji ýylyň 16-njy noýabrynda ýurdumyzyň öňdebaryjy ýaşlarynyň gatnaşmaklarynda döredilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy ýurdumyzyň özbaşdak, meýletin jemgyýetçilik guramasydyr.

# ÝURDUMYZYŇ BILIM OJAKLARY TÄZE OKUW ÝYLYNYŇ BOSAGASYNDA

**Berkarar döwletimizde ýaşlaryň ylym-bilim öwrenmegi, ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykarylmagy we ösdürilmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzyň nurana geljegini ylymly-bilimli ýaşlarda görýän hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň netijesinde, bilim ulgamynda döwrebap özgertmeler amala aşyrylýar. Şeýle özgertmelerden, özleri hakynda edilýän aladalardan ruhlanýan bagtyýar türkmen ýaşlary bilim almaga, ylym bilen içgin meşgullanmaga uly höwes bildirýärler.**

Ýurdumyzda 23-nji awgustda ýokary okuw mekdeplerinde giriş synaglary tamamlandy. Orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglary bolsa guramaçylykly ýagdaýda geçirilýär. Olarda giriş synaglary 28-nji awgustda tamamlanar.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglary ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýerleşýän ýerinde geçirildi.

Şu ýyl bagtyýar ýaşlaryň müňlerçesi ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine resminamalaryny tabşyryp, höwes edýän hünärleri boýunça giriş synaglaryna gatnaşmaga mümkinçilik gazandy. Synaglar Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalary esasynda, degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga beýleki okuw dersleri boýunça synaglar döwlet dilinde alnyp baryldy. Dalaşgärleriň arasynda 2022-2023-nji okuw ýylynyň mekdep uçurymlary bilen birlikde, Watan öňündäki harby gulluk borjuny ýerine ýetirip gelen ýaşlar hem bar. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinden bagtyýar ýaşlaryň giriş synaglaryna ýokary taýýarlykly gelmekleri döredilýän şertlerdir mümkinçilikler netijesinde olaryň saýlap alan hünärleri boýunça döwrebap bilim almaga höwesiniň artýandygynyň nyşanydyr. Giriş synaglary bellenen tertibe laýyklykda, tapgyrlaýyn geçirildi. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetiň ähli pudaklary üçin zerur bolan hünärmenleri taýýarlamak, milli bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde täze, döwrebap hünär ugurlaryny kesgitlemek baradaky tabşyrygyna laýyklykda, 2023-2024-nji okuw ýyly üçin ýokary okuw mekdepleriniň 10-synda täze hünärleriň 35-si girizildi. Olar bakalawr, hünärmen hem-de magistr maksatnamalary esasynda taýýarlyk ugurlaryny we hünärleri öz içine alýar.



Şeýlelikde, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda taýýarlygyň durmuş işi ugry boýunça bakalawr, pedagogika ugry boýunça bolsa magistr maksatnamasyna laýyklykda talyplara bilim berlip başlanar. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda maglumat howpsuzlygy ugry boýunça bakalawr, binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşy, himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy hünärleri boýunça hünärmen maksatnamasy esasynda talyplara bilim berler. Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň okuw maksatnamasyna şu ýyl taýýarlyk ugurlarynyň birbada 6-sy girizildi. Ykdysatçylary taýýarlaýan bu bilim ojagynda buhgalterçilik hasaba alnyşy, analiz we audit, maliýe, önümçiligiň ykdysadyýeti we gurluşy, işewürlik-informatika ugurlary boýunça bakalawr, ykdysadyýet we dolandyryş taýýarlygyň, ýagny ykdysadyýet, maliýe menejmenti, dünýä ykdysadyýeti, işewürlik dolandyryş ugurlarynda magistr maksatnamasy boýunça ýaşlara bilim berler. Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynda hem täze hünärleriň birbada 8-si açyldy. Ýaşlara demir ýoluň elektrik üpjünçiligi, lokomotiwler, wagonlar hünäri boýunça hünärmen, gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy, ýerüsti ulag-tehnologik serişdeler, sanly infrastruktura we kiberhowpsuzlyk, howa hereketiniň dolandyrylyşy, howa ulgamynda gatnawlary guramak we dolandyrmak ýaly ugurlarda bakalawr maksatnamasy esasynda bilim berler. ■ 2

**Ýohannesburgda BRIKS sammiti geçirildi**
22-24-nji awgust aralygynda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde BRIKS toparynyň (Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy) XV sammiti geçirildi. 4

**Meşhur muzeýler – binagärligiň döwrebap nusgasy**
Soňky ýyllarda ösen şäherlerde binagärlik gurluşygy bilen tehnologik ösüşleri baglanyşýan desgalaryň birnäçesi guruldy. Bu desgalar daşky bezegi bilen bir hatarda hödürleýän amatly şertleri bilen hem tapawutlanýar. 5

**Dünýäniň täze çempiony – Ispaniýa**
Täze Zelandiýa hem-de Awstraliýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky 9-njy FIFA Dünýä Kubogynda Ispaniýanyň ýygyndysy taryhyndaky ilkinji çempionlygyny gazandy. 7

**«Ahal» AFK Çempionlar Ligasynda «A» toparçada çykyş eder**
AFK Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Geçiriliş usuly az-owlak üýtgedilen ýaryşyň toparçalardaky oýunlary sentýabr aýynda başlap, dekabr aýynda-da tamamlanar. 8

# ÝURDUMYZYŇ BILIM OJAKLARY TÄZE OKUW ÝYLYNYŇ BOSAGASYNDA

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Bakalawr maksatnamasy esasynda, talyplar S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde taýýarlygyň maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda), Türkmen oba hojalyk institutynda oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy ugry boýunça okadylar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda magistr maksatnamasy esasynda halkara ykdysadyýeti ugrunyň, Türkmen döwlet maliýe institutynda telekeçilik we maliýe ugrunyň açylandygyny bellemek gerek.

Täze okuw ýylynda döwrebap Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, Berdimuhamet Annaýew adyndaky mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi, Saçly Dursunowa adyndaky lukmançylyk orta hünär okuw mekdebi, Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebi ilkinji talyplaryny kabul eder.





Arkadag şäherinde türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda atçylyk weterinar lukmançylygy, weterinar we sanitar ekspertizasy, seýisçilik, atly sport we atly syýahatçylyk, milli at üstündäki oýunlar, sirk sungaty, oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy, oba hojalygynda buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit ýaly hünärler boýunça okadylar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege», Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda bolsa «Durnukly ösüş üçin ekologik bilim» atly ÝUNESKO-nyň täze kafedralary açyldy.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaşlar syýasatyna giň gerim berilmegi netijesinde, ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu bolsa ýaşlaryň saýlan hünärlerinde bilim almaklaryna, ýurdumyzyň halk hojalygynyň dürli ugurlary üçin kämil hünärmenleriň taýýarlanylmagyna giň mümkinçilikleri açýar.

# HALK MASLAHATY – HALK HÄKIMIÝETINIŇ ROWAÇ GELJEGI

Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllaryna nazar aýlanyňda, demokratik ýörelgeleriň, hukuk binýadyň tapgyrlaýyn kämilleşdirilendigine, halkymyzyň bähbitlerini öň hatarda goýýan hukuk goraglylygynyň emele getirilendigine göz ýetirýärsiň. Döwlet Garaşsyzlygy, ata-babalarymyzyň ynsanperwerlige hem-de adalatlylyga ýugrulan ýörelgeleri esas alnyp, häzirki zaman dünýäsinde demokratiýalaşmagyň nusgalyk ýoluny emele getirmek üçin Türkmenistan Konstitusion kanunyny kämilleşdirmekde we bu babatda Birleşen Milletler Guramasynyň ýörelgelerinden ugur almakda önjeýli işleri amala aşyrdy. Bu ýagdaý Esasy Kanunymyzda özüniň aýdyň beýanyny tapdy. Oňa girizilen maddalarda, ilki bilen, adamyň, raýatyň hukuklary kepillendirilip, halk häkimiýetiniň hem-de demokratik, hukuk, dünýewi döwletiň esaslary berkidildi. Bu bolsa «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgä esaslanýan Konstitusiýamyzda döwleti, jemgyýeti dolandyrmagyň ähli ugurlarynda ynsan hakyndaky aladanyň ilkinji orunda durýandygyny görkezýär.



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda 18-nji iýulda Maslahatlar merkezinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisiniň geçirilmegi ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm waka öwrüldi. Mejlisde Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramyna hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen baglanyşykly meseleleriň we hormatly Prezidentimiziň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmegiň ugurlarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagy döwleti dolandyrmakda halkymyzyň garaýyşlaryna aýratyn ähmiýet berilýändigini görkezýär. Munuň özi Watanymyzyň abadançylygynyň, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilýän döwletli tutumlaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegine toplumlaýyn esasda çemeleşilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Halk demokratiýasynyň gözbaşynda duran Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde garaljak meseleler babatda il-günümize, halkymyza sala salynmagy, agzybirligiň, jebisligiň, birek-birege ynamyň pederlerden galan nusgasydyr. Halk Maslahaty türkmen halkynyň milli demokratiýasynyň özboluşly ýörelgesidir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň eden taryhy çykyşy bizi geljekki zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy, öňümizde täze wezipeleri goýdy. Biz Gahryman Arkadagymyzyň berýän tabşyryklaryndan ugur alyp, halkymyzyň arasynda wagyz-nesihat çärelerini yzygiderli geçirip, döwletimiziň ösüşlerine goşant goşmakda tutanýerli zähmet çekeris.

**Mähri JOMMYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryşyň usulýýeti we ätiýaçlandyryş amallary bölüminiň başlygynyň orunbasary, Aşgabat şäheriniň Halk Maslahatynyň agzasy.*

# SYÝAHATÇY SANYNDA REKORD GOÝDY





Ortaýer deňziniň kenaryndaky Müsür Ýer ýüzüniň iň irki gökdiränleri hasaplanýan piramidalary bilen meşhurdyr. Dünýäniň iň uzyn derýasy bolan Niliň hem uly bölegi bu ýurtdan geçip, deňze guýýar. Ýurduň köp ýerini çöl emele getirýär. Şeýle tebigy we taryhy ýadygärliklere baý bolan Müsür syýahatçylaryň hem iň köp görmek isleýän ýurtlarynyň arasynda hemişe öňdäki orunlary eýeleýär. Pandemiýanyň yzda galmagy bilen bu ýurda barýan syýahatçylaryň sanynyň hem artandygy mälim edildi. Berlen maglumatlara görä, şu ýylyň birinji ýarymynda ýurda 7 million daşary ýurtly syýahatçy barypdyr. Ýylyň ahyryna çenli 15 million syýahatçynyň gelmegine garaşylýar.

Ýurt pandemiýadan ozal – 2019-njy ýylda 13 million syýahatçyny kabul edipdi. Şol ýyl bu pudakdan alnan girdeji 13 milliard dollara ýetipdi. Müsüriň Statistika merkezi agentliginiň maglumatlaryna görä, bu ýurda 2020-2021-nji maliýe ýylynda 8 million, 2021-2022-nji maliýe ýylynda 11,7 million syýahatçy barypdyr. Şeýlelikde, soňky iki ýylda syýahatçylaryň sany 46 göterim, bu ugurdan alynýan girdeji 121 göterim artyp, 10,7 milliard dollara ýetipdir. Müsüre barýan syýahatçylaryň 62 göterimini ýewropalylar, 26 göterimini bolsa arap ýurtlarynyň syýahatçylary emele getirýär.

Müsüriň Syýahatçylyk we gadymy eserler ministri Ahmed Eýssa şu ýyl 15 million syýahatçynyň gelmegine garaşýandyklaryny, geljek ýyl bu görkezijiniň 18 milliona ýetirilmegini maksat edinýändiklerini aýtdy. Ministr Müsüre amala aşyrylýan uçar gatnawlarynyň sanynyň artdyrylmagyna hem üns berilýändigini belledi. Ýurt 2028-nji ýyla çenli daşary ýurtly syýahatçylaryň sanyny 30 milliona ýetirmegi maksat edinýär. Şol wagta çenli bu pudaga 20 milliard dollarlyk maýa goýum gönükdiriler. Häzirki wagtda ýurtda myhmanhanalarda 215 müň otag bar. Bu görkezijiniň 500 müňe ýetirilmegi meýilleşdirilýär.

**Merdan SAPAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, leýtenant.*

# Aýa taryhy gonuşy amala aşyrdy

23-nji awgustda Hindistanyň Aýyň günorta polýusyny öwrenmek maksady bilen işläp taýýarlan «Chandrayaan-3» atly kosmos gämisi Aýyň ýüzüne gonduryldy. Gonuşyň şowly tamamlanmagy bilen Hindistan Ýeriň hemrasynyň günorta polýusyna kosmos enjamyny iberen ilkinji ýurt boldy. Aýa gonuş göni ýaýlym arkaly görkezilip, oňa millionlarça hindistanly tomaşa etdi.



14-nji iýulda uçurylan «Chandrayaan-3» atly kosmos enjamy emeli hemradan, gonuş platformasyndan we ýöreýän moduldan ybarat. Umumy agramy 3,9 tonna barabar bolan toplumyň Aýyň ýüzünde hereket edýän modulynyň agramy 27 kilograma golaý. Sanskritçeden terjime edilende «paýhaslylyk» diýmegi aňladýan «Pragyaan» atly modul Gün paneli bilen işleýär. Hindistanyň Kosmos barlaglary guramasy «Pragyaan»-yň Aýa gonandan birnäçe sagatdan soňra ilkinji «ädimini ädendigini» mälim etdi.

Bu missiýanyň esasy maksady geljekde Aýda hemişelik beketler gurlanda, adamlaryň ýaşamagyna şert döretmäge ýardam etjek buzy gözlemekden ybarat. Mundan ozal 2008-nji ýylda uçurylan «Chandrayaan-1» kosmos enjamy şowly netije beripdi. Bu enjam arkaly Aýyň ýüzünde suw molekulalarynyň tapylandygy mälim edilipdi. 2019-njy ýylda uçurylan «Chandrayaan-2» Aýyň orbitasyna giren hem bolsa, Ýeriň hemrasyna gonup bilmändi. Şeýle-de bolsa onuň Aýyň orbitasynda aýlanýan emeli hemrasyna zeper ýetmändi.

«Chandrayaan-3» taslamasynyň bahasynyň 75 million dollardygy mälim edildi.

Mundan ozal Sowet Soýuzy (1959ý.), ABŞ (1962ý.), Ýaponiýa (2007ý.) we Hytaý (2013ý.) kosmos enjamlaryny Ýeriň hemrasyna gondurypdy. Ozalkylardan tapawutlylykda Hindistanyň kosmos enjamy Aýyň günorta polýusyna gonduryldy. Ýokarda agzalan ýurtlaryň kosmos enjamlary Aýyň ekwatoryna ýakyn ýerlere gondurylypdy.



# Ulanylan metallar «ýaşyl» ykdysadyýete goşant goşýar

Ýerasty magdanlary çykarmak bilen meşgullanýan global kompaniýalar soňky ýyllarda ulanyşdan galan metal zyňyndylaryndan has köp peýdalanyp başlady. «Wall Street» neşiriniň habaryna görä, «Rio Tinto», «Glencore» ýaly kompaniýalar gaýtadan ulanylan metallaryň gazyp almakdan arzan düşýändigini, şeýle hem munuň üçin az energiýa zerurlyk duýulýandygyny belleýärler. Gaýtadan peýdalanylýan metallaryň arasynda gymmat bahaly bolanlaryna hem aýratyn maýa goýum gönükdirilýär. Bu iri kompaniýalar ABŞ, Awstraliýa we Kongo ýaly ýurtlarda gymmatly metallaryň gaýtadan işlenişini artdyrmak üçin birnäçe ylalaşyklara gol çekdiler.

Elektroulaglaryň, Gün panelleriniň we ýel turbinalarynyň önümçiliginde giňden ulanylýan alýumini öndürmek bilen meşgullanýan «Rio Tinto» golaýda Kanadanyň «Matalco» kompaniýasynyň 50 göterimlik paýnamasyny 700 million dollara satyn aldy. «Matalco» kompaniýasy diňe ozal ulanylan metallardan alýumin öndürmek bilen meşgullanýar.

«Glencore» kompaniýasy bolsa, «Li-Cycle» holdingi bilen Ýewropada önümçilik kuwwaty 36 gigawata barabar boljak litiý-ion üçin ýeterlik mukdarda materialy gaýtadan işleýän zawod gurmak üçin ylalaşyk gazandy.

Ulanyşdan galan senagat önümleriniň we beýleki enjamlaryň gaýtadan işlenilip, olardaky metallaryň aýratynlykda alynmagy we çig mal hökmünde gaýtadan peýdalanylmagy diňe tebigata ýetirilýän zyýany azaltman, eýsem, sarp edilýän energiýany, işçi güýjüni we beýleki çykdajylary azaltmaga ýardam edip, girdejini ýokarlandyrýar.

**Maral AMANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň uly mugallymy.*



# Gün panelinden has gowy netije berýär

Londonyň imperial kollejiniň hünärmenleri tarapyndan Gün şöhlesinden energiýa öndürýän «ýaprak» işlenip taýýarlandy. Ösümlikleriň ýapragynyň başdan geçirýän prosesine öýkünilip işlenip taýýarlanan bu enjam elektrik energiýasyny Gün panelinden has köp öndürýär, şeýle hem şol bir wagtyň özünde suw hem çykarýar. Fotowoltaika ýaprak («PV-leaf») atly bu paneli öndürmek üçin has arzan materialdan peýdalanylyp bilinjekdigi bellenilýär. Geçirilen synaglarda täze tehnologiýanyň adaty Gün panellerinden 10 göterim köp energiýa öndürýändigi ýüze çykaryldy. Tebigy prosese meňzeş bolan bu tehnologiýanyň öndürýän suwy bolsa, howadaky çyglylykdan alynýandygy sebäpli süýji bolup, dünýä jemgyýetçiliginiň ýene bir meselesini çözmäge ýardam eder. Bilermenler fotowoltaika ýaprakdan emele gelen Gün energiýa beketleri giňden durmuşa geçirilen ýagdaýynda 2050-nji ýyla çenli her ýylda 40 milliard kubmetr suwuň öndürilip bilinjekdigini belleýärler.

Tebigy şertlerde ösümlikler ýerdäki suwy köki bilen alyp, ýapragyna geçirýär. Ösümligiň düzümindäki suw howanyň ýagdaýyna görä, ýaýraýar we ýapraklary arkaly bugaryp çykýar. Şeýlelikde, ösümlik yssy howa zerarly gyzmakdan halas bolýar. Täze tehnologiýada hem şeýle usuldan peýdalanylyp, Günüň astyndaky paneller gyzmaýar. Bu bolsa, energiýa öndürýän enjamlary sowatmak üçin ulanylýan perlere we beýleki enjamlara bolan zerurlygy aradan aýyrýar. Netijede, ýaprakly Gün desgalaryny diňe gurmak däl, eýsem, işletmek hem arzan düşýär.

**Sähra SAPAROWA,**
*Mary şäherindäki 27-nji orta mekdebiň matematika-informatika mugallymy.*

# Alýaskada dinozawryň aýak yzlary tapyldy



Alýaskadaky Denali milli seýilgähinde köp sanly dinozawryň aýak yzlary tapyldy. Paleontologlar bu ýere «Kolizeý» adyny berdiler. Paleontologlaryň 7 müň 500 inedördül metrlik meýdana ýaýran aýak yzlary 69,3 million ýyl bilen senelenýär. Bu bolsa dinozawrlaryň nesliniň ýok bolmagynyň öňündäki Kretase döwrüne gabat gelýär. Şol döwürde sebitiň howasy yssy, topragy ýumşak eken. Ol ýerlerde kölleriň hem-de suw howdanlarynyň bolandygy çaklanylýar.

Alymlar tapylan yzlaryň ornitopodlar, keratopsidler we termopodlar ýaly dinozawrlaryň dürli görnüşlerine degişlidigini bellediler. Aýak yzlary wagtyň geçmegi bilen gatapdyr. Bu ýagdaý müňlerçe ýyl bäri sebitdäki geologik üýtgeşmeleriň täsiri astynda bolup geçipdir.

Bu ýerde dinozawr aýak yzlaryndan başga-da, ösümlikleriň, süýji suw mollýuskalarynyň we oňurgasyz jandarlaryň daşa öwrülen galyndylary hem tapyldy.

Bu barada «Historical Biology» žurnalynda habar berilýär.

# Döwrebap ýelkenli gämi ýola düşdi



**ABŞ-nyň «Cargill» kompaniýasy ýelkenli gäminiň döwrebap görnüşini işläp taýýarlady. Deňiz gatnawynda ýelden peýdalanmak maksady bilen öndürilen gämi ilkinji synagy üçin suwa goýberildi. Suw ulagynda iki sany «WindWings» atly ganatly ýelken bar. Bu taslama «BAR Technologies», «Mitsubishi Corporation» we «Yara Marine Technologies» ýaly kompaniýalar goldaw berýär. Synag maksatly hem bolsa, gäminiň syýahaty örän uzak aralyga amala aşyrylýar. Bilermenler döwrebap ýelkenleriň açyk deňizlerde nähili netije berýändigini bilmek üçin ilkinji syýahatyny Singapur bilen Braziliýanyň arasynda amala aşyrýarlar. Taslamany durmuşa geçirmek üçin «Mitsubishi» korporasiýasyna degişli bolan «Pyxis Ocean» atly ýük gämisine beýikligi 37,5 metre ýetýän iki sany ýelken oturdylypdyr.**

**Inženerler bu ýelkeniň gäminiň ýangyjy 30 göterim az sarp etmegine ýardam etjekdigini belleýärler. Ýagny gämi adaty ýangyç bilen bir hatarda ýelkeniň güýjünden hem peýdalanýar.**

**Halkara ýük gatnawynyň uly böleginiň gämiler arkaly amala aşyrylýandygy göz öňünde tutulanda, bu tehnologiýanyň howanyň hapalanmagynyň öňüni almakda täsirli boljakdygy bellenilýär.**

# Ýüz dile düşünýän emeli aň tehnologiýasy




«Meta» kompaniýasy ýüze golaý dile düşünýän we terjime edip bilýän «SeamlessM4T» atly programmany tanyşdyrdy. Emeli aň programmasy bellenen dillerde teksti sese, sesi tekste, sesden sese we tekstden tekste terjime edip bilýär. Bilermenler bu programmanyň dürli dilde gepleýän adamlaryň biri-birleri bilen aragatnaşyk saklamagyna ýardam etjekdigini belleýärler.

«Meta» geçen ýyl 200 dilde tekstden tekste terjime edip bilýän emeli aň modeli «No Language Left Behind»-y (NLLB) ulanyjylara hödürläpdi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 25-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112291
Belgisi: 34/1548
Tiražy: 8316
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## DÜNÝÄ HABARLARY

gysga setirlerde



► **Açyk asmanyň astyndaky muzeý.** Türkiýäniň Erzurum welaýatynyň Aziziýe etrabynda açyk asmanyň astyndaky muzeýi açmak meýilleşdirilýär. Onda daşdan ýasalan gymmatlyklaryň 500-e golaýy ýerleşdiriler. Olaryň esasy bölegi Aziziýe etrabynda geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde tapylan gymmatlyklar bolup, XIV asyr bilen senelenýär.



► **Täze görnüşe eýe bolar.** Ýewropanyň Merkezi banky geljek ýyl saýlanyp alynjak kagyz pullaryň dizaýnyny hödürlemekçi. Banknotlaryň tehniki aýratynlyklary 2026-njy ýyla çenli tamamlanar. Olaryň dolanyşyga giriziljek senesi entek kesgitlenmedi. Häzir kagyz pullaryň dizaýnynyň 7 sany nusgasy göz öňünde tutulýar.



► **Bambukdan ýasalan welosiped.** Gawananyň köçelerinde ekologiýa taýdan arassa – bambukdan ýasalan welosipedler peýda boldy. Bu ulag ýerli ussahanada ýasalýar. Ýurtda önümçilikde ulanylan her bambuk agajynyň ornuna onusy oturdylýar. Bambugyň çalt ösýändigini nazarda tutsaň, şeýle önümçilik tebigata zyýan ýetirmeýär.



► **Çykjak wagty mälim edildi.** Koreýa Respublikasynda ýylyň ahyryna çenli «Kia Tasman» ulagynyň synagy tamamlanar. Goşa kabinaly bäş orunlyk awtoulagyň ýük göterijiligi bir tonna deň bolup, ýokary ýol ýşyklandyryş ulgamy bilen abzallaşdyrylandyr. Ulagyň satuwyna geljek ýylyň ortalarynda başlanar.



► **Dikligine irkilmäge ýardam berýär.** Ýapon inženerleri dik ýagdaýda irkilmäge ýardam berýän kapsulany oýlap tapdylar. «Giraffenap» atly bu kapsula telefon kabinasyna meňzeýär. Onuň içinde bedeniň agramyny durnukly saklaýan we daşardan gelýän sesleri geçirmeýän ýörite platformalar bar.



► **Önümçiligini ýola goýdy.** «Apple»-iň Hindistandaky «Foxconn» zawodynda «iPhone 15» öndürilip başlandy. Munuň kompaniýanyň önümçiligini diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasynyň bir bölegidigi habar berilýär. «Apple» hindi zawodynda täze «iPhone»-laryň» öndürilýän möçberini artdyrmagy meýilleşdirýär.



► **Täze ulagyny tanyşdyrar.** Hytaýyň FAW awtokonserni «Bestune Xiaoma» kysymly awtoulagynyň önümçilik nusgasyny tanyşdyrmaga taýýarlanýar. Awtoulagyň esasy aýratynlygy onuň uzynlygynyň bary-ýogy 3 metr bolmagydyr. 4 orunlyk, 3 gapyly hatçbek ulagynyň agramy 685 kilograma deň.



► **Berk aýna ýasadylar.** Pensilwaniýa ştatynyň uniwersitetiniň alymlary «LionGlass» atly üýtgeşik aýna döretdiler. Ol adaty aýnadan on esse berkdir. Dünýäde aýna önümçiliginiň ösmegi netijesinde kömürturşy gazynyň zyňyndylary ýylda azyndan 86 million tonna deň bolýar. Aýnanyň täze görnüşi bilen bu görkezijini iki esse azaldyp bolar.



► **«Kia Sorento 2024» görkezildi.** Täze hödürlenen «Kia Sorento 2024» ulagynyň dizaýny iýul aýynyň ahyrynda bölekleýin görkezilipdi. Krossoweriň daşky görnüşi ep-esli üýtgedilse-de, dizel hereketlendirijisini saklap galdy. Gaýtadan işlenen «Kia Sorento»-nyň satuwyna ýakyn günlerde Koreýa Respublikasynda başlanar.



► **Benewşe reňkli bugdaý.** Russiýaly seçgiçiler bugdaýyň benewşe reňkli sortuny döretdiler. Omskiniň Oba hojalyk uniwersitetiniň alymlarynyň döreden täze sortunyň dürli maddalara baýdygy aýdylýar. Galyberse-de, täze sortuň hasyllylygy ýokary we dürli tebigy şertlerde ýetişýär.

## TARYHDA ŞU GÜN



■ **Rim 1960-njy ýylyň 25-nji awgustyndan 11-nji sentýabryna çenli dowam eden XVII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň paýtagty hökmünde saýlandy. Oýunlaryň açylyş dabarasy 25-nji awgustda «Foro Italico» stadionynda geçirildi. Olimpiýa oýunlaryna 83 ýurtdan 5 müň 348 türgen (610 sanysy zenanlar) gatnaşyp, sportuň 17 görnüşi boýunça 74 olimpiýa we 27 dünýä rekordy goýuldy.**

# ÝOHANNESBURGDA BRIKS SAMMITI GEÇIRILDI

22-24-nji awgust aralygynda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde BRIKS toparynyň (Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy) XV sammiti geçirildi. Afrikadan we dünýäniň beýleki sebitleriniň ösýän ýurtlaryndan 60-dan gowrak döwlet we hökümet Baştutanlary Ýohannesburgda ýygnanyp, global syýasat, halkara howpsuzlyk we söwda bilen baglanyşykly möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Birleşigiň bäş lideriniň dördüsi – Günorta Afrika Respublikasynyň Prezidenti Siril Ramafosa, Hytaýyň Başlygy Si Szinpin, Braziliýanyň Prezidenti Luis Inasio Lula da Silwa we Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi bu sammite gatnaşdy. Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin wideo baglanyşygy arkaly forumda çykyş etdi. Sammitde Russiýa Federasiýasyna ýurduň daşary işler ministri Sergeý Lawrow wekilçilik etdi. Şeýle hem bu foruma 20-den gowrak halkara guramalaryň ýolbaşçylary gatnaşdy. «BRIKS we Afrika – çalt ösüş, durnukly ösüş we köpugurlylyk üçin hyzmatdaşlyk» sammitiň esasy mowzugy boldy.

Sammitiň jemleýji gününde «BRIKS-iň dostlary» görnüşinde duşuşyk geçirildi. Global Günorta forumy dünýädäki ornuny birnäçe gezek berkidip, halkara gatnaşyklarynyň tutuş ulgamyny düýpgöter özgertmegi maksat edinýär.




Şol bir wagtyň özünde, Günorta Afrika Respublikasynyň wekilleriniň pikiriçe, BRIKS topary global Günortanyň (Aziýa, Afrika, Latyn Amerikasy we Karib deňzi) lideri bolmaly we has adalatly halkara tertibini döretmek işine ýolbaşçylyk etmeli.

Sammitde BRIKS ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň gün tertibinde üç mesele orta atyldy. Bular ykdysadyýetde we maliýe pudagynda hyzmatdaşlygy güýçlendirmek we giňeltmek; syýasatda we howpsuzlyk pudagynda hereketleri mundan beýläk-de utgaşdyrmak; ynsanperwerlik pudagyna üns bermek, jemgyýetçilik we medeni derejede birleşigiň halklarynyň arasynda özara gatnaşyklaryň dürli görnüşlerini höweslendirmek ýaly ugurlardan ybaratdyr.

Forumda BRIKS-iň ýolbaşçylaryny gyzyklandyrýan başga-da birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de, sammitiň gün tertibinde energiýa meselesi aýratyn orun eýeledi. Maslahatyň barşynda energiýa howpsuzlygynyň ykdysady ösüşiň, sosial durnuklylygyň we dünýäniň ähli halklarynyň abadançylygynyň esasyny düzýändigi bellendi. Şol bir wagtyň özünde, dünýä bazarlarynyň energiýa çeşmeleri bilen durnukly üpjün edilmeginiň zerurdygy bellendi. Sammitiň dowamynda terrorçylyga we ekstremizme garşy göreş meselesi hem orta atyldy. Duşuşyga hödürlenen resminamalarda terrorçylyga garşy göreşe giňişleýin çemeleşmegiň zerurdygy nygtalýar. Sammitde BRIKS topary üçin ýeke-täk puluň çykarylmagy baradaky taslama boýunça geňeşmeleriň geçirilýändigi, ýöne bu meseläniň entek deslapky barlag tapgyryndadygy bellendi.

Sammitde guramanyň täsiri artdygyça, köp ýurduň BRIKS-e goşulmaga gyzyklanma bildirýändigi, şu güne çenli 40-dan gowrak ýurduň öz pikirini mälim edip, şolardan 23-siniň resmi arzalary iberendigi bellendi. Olar Alžir, Argentina, Bangladeş, Bahreýn, Belarus, Boliwiýa, Wenesuela, Wýetnam, Gonduras, Müsür, Indoneziýa, Eýran, Gazagystan, Kuba, Kuweýt, Marokko, Nigeriýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Palestina, Saud Arabystany, Senegal, Tailand we Efiopiýa.

BMG-niň hünärmenleriniň pikiriçe, BRIKS ýurtlary dünýä ilatynyň 42%-ini, dünýäniň jemi içerki önüminiň 27%-ini we halkara söwdasynyň 29%-ini eýeleýär. Günorta Afrika Respublikasyndan soň BRIKS-iň başlyklygy Russiýa geçer we indiki sammitiň Kazanda geçirilmegi meýilleşdirilýär.

# Ikinji tapgyrynda ýeňiş gazandy

20-nji awgustda Gwatemalada geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda «Semilla» hereketine wekilçilik edýän Bernardo Arewalo ýeňiş gazandy. Arewalo 59% sese, esasy bäsdeşi, «Milli umyt birligi» partiýasyna ýolbaşçylyk edýän Sandra Torres bolsa, 35% sese eýe boldy. Bu barada Ýokary saýlaw kazyýetiniň maglumatlarynda tassyklanýar.

Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyryna 9,36 million saýlawçynyň 44,49%-i gatnaşypdyr. Gwatemalanyň häzirki Prezidenti Alehandro Jammattei 2020-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri ýurduň ýolbaşçysy bolup, Konstitusiýa laýyklykda, gaýtadan saýlanmaga hukugy ýok. Täze Prezidentiň kasam kabul edişlik dabarasy, adatça, 14-nji ýanwarda, ýurduň täze gurultaýynyň dabaraly maslahatynda geçirilýär.

Huan Hose Arewalonyň (1945-1951-nji ýyllarda prezident) ogly Bernardo Arewalo 64 ýaşly diplomat we syýasatçy. Ol 1980-1990-njy ýyllarda Daşary işler ministrliginde işledi. Onuň esaslandyran «Semilla» sosial demokratik hereketi 2017-nji ýylda hasaba alyndy.

Gwatemala Respublikasy Merkezi Amerikada ýerleşip, günorta-gündogarda Salwador, gündogarda Gonduras, demirgazyk-gündogarda Beliz, demirgazykda we



günbatarda Meksika bilen serhetleşýär. Gündogarda Karib deňzi we günortada Ýuwaş ummany bilen ýuwulýar. Merkezi Amerika Respublikalarynyň iň köp ilatly döwleti bolan bu ýurtda 17 milliondan gowrak adam ýaşaýar. Paýtagty Gwatemala şäheri, resmi dili ispan dili.

# Prezident saýlawlarynda öňde barýar

20-nji awgustda Ekwadorda geçirilen Prezident saýlawlarynda çepçi güýçlerden «Raýat ynkylaby» bileleşigine ýolbaşçylyk edýän Luisa Gonsales sesleriň 33,5%-i bilen öňdeligi eýeledi. Ýöne milli saýlaw geňeşiniň başlygy Diana Atamaint saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň geçiriljekdigini mälim etdi. Telekeçi we parlamentiň öňki deputaty Daniel Noboa sesleriň 24,5%-i bilen ikinji orny eýeledi. Şeýlelikde, Luisa Gonsales we Daniel Noboa nobatdan daşary Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyryna çykdylar. «Konstruýe» partiýasynyň dalaşgäri Kristian Surita üçünji bolup, 16,2% sese eýe boldy. Ýan Topiç 14,61% ses aldy.

Birinji tapgyrda ýeňiş gazanmak üçin dalaşgär iň ýakyn bäsdeşinden, azyndan, 10% köp ses almak şerti bilen sesleriň absalýut köplügine ýa-da 40%-den gowrak sese eýe bolmaly. Gazanylan sesler bu derejä çykyp bilmese ikinji tapgyr geçirilýär. Saýlaw-



laryň ikinji tapgyryny 15-nji oktýabrda geçirmek meýilleşdirilýär.

Rafael Korreanyň hökümetinde (2007-2017) dürli wezipelerde işlän 45 ýaşly Gonsales saýlawdan öňki kampaniýanyň dowamynda korrupsiýa we neşe gaçakçylygyna garşy göreşmegi wada berdi. 35 ýaşly Noboa bolsa, saýlawdan öňki kampaniýada onçakly göze ilmeýärdi. Ol Ekwadorda oba hojalygynyň ösmegine itergi bermegi, ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegi we guramaçylykly jenaýatçylyga garşy çäreleri görmegi wada berýär. Daniel Noboa bäş gezek prezidentlige dalaş etdi.

Ekwador Respublikasy Günorta Amerikanyň demirgazyk-günbataryndaky ýurt. Ekwador günbatarda Ýuwaş ummany, demirgazykda Kolumbiýa, gündogarda we günortada Peru bilen serhetleşýär. Ekwadoryň düzümine Galapagos adalary hem girýär. Häzirki wagtda ýurduň ilaty 17 milliondan geçýär.

# Ösüş taslamalaryny durmuşa geçirýär

Owganystanyň Hökümeti soňky bir ýylda ýurt boýunça 3 müň 575 sany ösüş taslamasyny durmuşa geçirýär. Bu barada ýerli «TOLOnews» teleýaýlymy ýurduň Ykdysadyýet ministrliginiň maglumatlaryna salgylanyp habar berdi. Häzirki wagtda jemi 1,9 milliard dollarlyk dürli taslamalar Owganystanyň saglygy goraýyş, oba hojalygy, ulag we energiýa pudaklarynda ýaýbaňlandyrylýar.

– Bu ýyl oba hojalygy bilen bir hatarda, birnäçe pudagyň, şol sanda, ýollaryň, bentleriň we beýleki infrastrukturalaryň gurluşygyny öz içine alýan köp sanly



ösüş meýilnamalaryna garaýarys. Geçen ýyl bilen deňeşdirilende, bu ýyl has köp serişde bölünip berler we biz bu babatda aç-açanlygy üpjün ederis – diýip, «TOLOnews» teleýaýlymynda eden çykyşynda Owganystanyň häzirki hökümetiniň resmi wekili Zabiullah Mujahidi aýtdy.

Ýurtda täze bentler we beýleki suw gurluşyk desgalary gurulýar. «TOLOnews» Owganystanyň Energetika we suw serişdeleri ministrliginiň 411 sany suw gorlaryny dolandyryş taslamasy üçin 3,7 milliard afgani (43,5 million dollar) bölüp berendigini habar berdi.

# IŇ ULY GÜN TELESKOPYNYŇ GURLUŞYGYNA BAŞLANDY

Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Sibir bölüminiň Gün-ýerüsti fizika instituty Burýatiýa Respublikasynda Ýewraziýada iň uly Gün koronagraf-teleskopynyň gurluşygyna başlady. Milli geliogeofizik toplumyň iň çylşyrymly, iň gymmat abzaly bolan teleskop, Burýatiýanyň Mondy obasynyň golaýynda ýerleşýän Saýan Gün obserwatoriýasynyň çäginde gurulýar. Bahasy, takmynan, 36 milliard rubla deň bolan desgany 2030-njy ýylda işe girizmek meýilleşdirilýär.

Teleskop magnit meýdanlarynyň tebigatyny we Gün işjeňliginiň siklini öwrenmek üçin niýetlenendir. Alymlar onuň kömegi bilen kiçi diametrli teleskoplara we orbital obserwatoriýalara elýeterli bolmadyk fotosferanyň ýuka gurluşlaryny öwrenip bilerler. Teleskop spektral seljeriş geçirmäge, magnit meýdanlary we materiýanyň hereketleri barada özboluşly maglumatlary almaga, Gün alawlarynyň we Günüň beýleki hadysalarynyň sebäplerini öwrenmäge mümkinçilik berýän çylşyrymly abzallar toplumydyr. Bu abzallaryň kömegi bilen düýpli we amaly ylmy meseleleri çözmek mümkin bolar.

Teleskopyň optiki shemasy 13 aýnadan ybarat-



dyr. Diametri 3 metr bolan esasy aýna astrositaldan ýasalyp, onuň aýna-keramiki materialynyň galyňlygy 120 millimetre deňdir. Bu taslama teleskop diňini, tehnologik enjamlary, barlaghana hem-de dolandyryş üçin niýetlenen binalary öz içine alýar. Desganyň beýikligi 42 metre, teleskopyň umumy agramy 120 tonna deň bolar.

# 3 MILLIONDAN GOWRAK SYÝAHATÇYNY HASABA ALDY

**Kamboja 2023-nji ýylyň ilkinji ýedi aýynda 3 million 37 müňden gowrak halkara syýahatçyny hasaba aldy. Bu geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 308 göterim köpdür. Bu barada ýurduň Syýahatçylyk ministrliginiň hasabatynda aýdylýar.**

**Hasabatda bellenmegine görä, şu ýylyň ýanwar-iýul aýlary aralygynda Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda halkara syýahatçylygy baradaky sanawda Tailand birinji orunda durýar, ondan soň Wýetnam we Hytaý gelýär.**

**Hasabata görä, Kamboja howa ýoly bilen 1 million 65 müň 233 daşary ýurtly syýahatçy gelip, bu geçen ýyldakydan 237 göterim ýokarydyr. Şeýle-de, gury ýer we suw ýollary arkaly 1 million 972 müň 111 syýahatçy**



**gelip, 362 göterimlik ösüş hasaba alnypdyr.**

**– Bu sanlara esaslanyp, Kamboja 2023-nji ýylda, azyndan, 5 million halkara syýahatçyny özüne çeker – diýip, syýahatçylyk ministri Tong Khon aýtdy. Şeýle hem ol 2022-nji ýylda Patyşalygyň bary-ýogy 2,27 million daşary ýurtly syýahatçyny kabul edendigini belledi.**

# 100 ýaşly gämi bilen dünýäni aýlanarlar

Tebigaty goraýjylaryň topary abatlanan niderland gämisinde Angliýanyň günorta kenaryndan Ýer ýüzüniň daşyndan aýlanmak maksady bilen ýola çykdylar. Uzynlygy 50 metr bolan ýelkenli gämi 1918-nji ýylda guruldyr. Gämide halkara hünärmenleri bolup, olar tebigaty has içgin öwrenerler. Taslamanyň çäklerinde daşky gurşaw boýunça hünärmenler ýklymlaryň 4-sinde iki ýyllyk syýahat edip, deňiz portlarynyň 32-sinde labyr taşlarlar. Olaryň arasynda Çarlz Darwiniň düşläp geçen portlary hem bar.

Guramaçylaryň gürrüň bermegine görä, olar ummandaky plastikleri we merjen gaýalaryny öwrenmekçi, şeý-



le-de deňiz guşlarydyr läheňleri we delfinleri synlamakçy bolýarlar. «Darwin 200» atly bu taslama üçin 10 ýyldan gowrak wagt taýýarlyk görüldi.

– Biz howanyň üýtgemeginiň zyýanly täsirlerini azaltmaga kömek etmekçi bolýarys. Şeýle-de, biziň merjen gaýalaryň ýagdaýyny öwrenmek, ummanlaryň biodürlüligini içgin öwrenmek niýetimiz bar. Biziň maksadymyz diňe olary öwrenmek däl-de, bar bolan meseleleriň çözgütlerini tapmakdyr – diýip, taslamanyň ýolbaşçysy Stýuart Makfersin gürrüň berýär.

# Hytaý esasy eksportçy bolar

**Hytaý şu ýylyň ahyryna çenli Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäniň iň uly awtoulag eksportçysy bolar. Bu barada «Moody's Analytics» agentligi habar berýär. Ikinji çärýegiň ahyryna çenli Hytaý bilen Ýaponiýanyň eksportynyň arasyndaky tapawut aýda 70 müň awtoulaga çenli azaldy. Bir ýyl ozal bu tapawut 171 müň awtoulaga deňdi. 2021-nji ýylda Hytaý awtoulag önümçiliginde Koreýa Respublikasyndan öňe geçdi, geçen ýyl bolsa Germaniýadan öňe geçip, ikinji uly eksportçy boldy.**

**HHR-iň awtoulag eksporty elektroulaglara bolan islegiň artmagy netijesinde, pandemiýadan öňki görkezijilerden ýokary boldy. 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda Hytaýyň awtoulag pudagyndaky girdejisi geçen ýyl bilen deňeşdirilende, iki esse ýokarlandy. Hytaýyň awtoulag pudagynyň artykmaçlygy elekt-**



**roulaglary öndürmek üçin çykdajylary azaltmaga mümkinçilik berýän litiý ion akkumulýator batareýalaryny öndürmegidir.**

# 55-nji uçuşyny amala aşyrdy

**NASA-nyň «Ingenuity Mars» dikuçary Gyzyl planetadaky 55-nji missiýasyny tamamlady. Agentligiň maglumatlaryna görä, dikuçar 55-nji uçuşyny amala aşyryp, onuň dowamynda 10 metr beýiklige çykdy we 143 sekuntda 264 metre çenli uçdy.**

**2021-nji ýylyň 18-nji fewralynda NASA-nyň «Perseverance» marsahodyna berkidilen «Ingenuity» dikuçary Marsdaky Ezero krateriniň golaýyna gondy. Dikuçar ilkinji gezek başga bir planetada dolandyrylýan uçuşy synagdan geçirmäge mümkinçilik berýän tehnologiýa eýedir.**

**NASA-nyň maglumatlaryna görä, dikuçaryň uçuş dowamlylygy 90 sekunda niýetlenip, bir gezekde 300 metr aralyga çenli uçup bilýär.**





# MEŞHUR MUZEÝLER – BINAGÄRLIGIŇ DÖWREBAP NUSGASY



**Soňky ýyllarda ösen şäherlerde binagärlik gurluşygy bilen tehnologik ösüşleri baglanyşýan desgalaryň birnäçesi guruldy. Bu desgalar daşky bezegi bilen bir hatarda hödürleýän amatly şertleri bilen hem tapawutlanýar. Olaryň hatarynda syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýän myhmanhanalary, dynç alyş merkezlerini, howa menzillerini, köpçülikleýin gezelenç edilýän desgalary görkezmek bolar. Gazetimiziň şu sanynda sizi dünýäniň häzirki zaman arhitekturasynyň iň naýbaşy muzeýleri bilen tanyşdyrýarys.**



**Korol Ontario muzeýi, Kanada.** Bu ajaýyp bina Kanadanyň iň uly muzeýi bolup, 1912-nji ýylda myhmanlara gapysyny açýar. Muzeýiň döwrebap taslamasy we gurluşyk işi «Studio Libeskind» kompaniýasyna degişli bolup, 2008-nji ýylda bu taryhy bina prizmatik aýna örtükler we metaldan ýasalan girelge meýdançasy bilen kämilleşdirilýär. Muzeýde 40 galereýa bolup, 13 milliondan gowrak eksponat saklanýar. Muzeýe gelýänler arheologik eserleri synlamak bilen bir hatarda, bezegçilik we sungat eserleriniň janly şaýady bolýarlar. Syýahatçylar bu binanyň Demirgazyk Amerikadaky iň owadan we çylşyrymly taslamadygyny belleýärler.



**«Luis Vuitton» gaznasy, Fransiýa.** 2014-nji ýylda açylan «Luis Vuitton» gaznasynyň sungat muzeýi Pariždäki häzirki zaman binagärlik eserleriniň biridir. Muzeýiň taslamasy binagär Frank Gehrä degişli bolup, binanyň geň galdyryjy aýratynlygy agaçdan ýasalan çarçuwalara aýna «ýelkenleriň» berkidilmegidir. 12 ganatdan ybarat bolan bu desga birnäçe uly zala bölünýär. Içine Gün şöhlesiniň düşmegi arkaly tebigy ýagdaýda yşyklandyrylan muzeýde surat eserleriniň nusgalary, meşhur adamlara degişli köne zatlar, taryhy tapyndylar saklanýar. Muzeýe her ýyl 2 million töweregi syýahatçy barýar.



**Miluoki sungat muzeýi, ABŞ.** Miçigan kölüniň kenarynda ýerleşýän bu muzeýde 25 müň sungat eseri saklanýar. ABŞ-nyň iň uly muzeýleriniň biri bolan Miluoki sungat muzeýi 3 sany aýry binadan ybaratdyr. Binanyň iň soňky tapgyry 2001-nji ýylda (birinji tapgyry 1957ý, ikinji tapgyry 1975ý.) gurlup, bu aýna bina «Quadracci Pavilion» diýlip atlandyrylýar. Muzeýiň döwrebap nusgasynyň taslamasy ispaniýaly binagär Santýago Kalatrawa tarapyndan işlenip taýýarlanýar. Aýna binanyň üçeginde 66 metrlik açylýan ganatlar bolup, ýokarsynda ýeliň tizligini ölçeýän datçikler ornaşdyrylypdyr. Awtomatlaşdyrylan bu ulgam howa şertine laýyklykda ganatlaryň açylyp-ýapylmagyny üpjün edýär.



**MIHO muzeýi, Ýaponiýa.** Kýoto şäheriniň golaýyndaky tokaýda ýerleşýän muzeýiň owadan binagärligi bu ýere gelýänlere adamzadyň döreden eseri bilen tebigatyň ajaýyp sazlaşygyny başdan geçirmäge mümkinçilik berýär. Meşhur binagär I.M.Peiniň taslamasy esasynda gurlan muzeýe aýna gurluşly asma tunnel arkaly barylýar. Ekologiýa zyýan bermezlik maksady bilen muzeýiň dörtden üç bölegi ýeriň aşagynda bina edilipdir. Şol sebäpli binanyň içine ýörite tunnel arkaly ýokardan girilýär. Muzeýde Rim we Gündogar medeniýetine degişli gymmatlyklar saklanýar.



**«Museo Soumaya», Meksika.** Mehiko şäheriniň meşhur binalarynyň biri bolan bu muzeý owadan daşky görnüşi hem-de gijesine lowurdap şöhle saçmagy bilen ünsi özüne çekýär. Muzeý iki binadan ybarat bolup, muzeýiň esasy bölegi Plaza Karsoda ýerleşýär. Dokuz gatly binada damja meňzeş 16 müň altyburçluk bar. Meşhur binagär Fernando Romeron muzeýiň taslama işinde suwdan ylham alypdyr. Binada gadymy tapyndylar bilen birlikde sungat eserleriniň 66 müňden gowragy saklanýar. Şeýle hem bu ýerde heýkellere hem-de nusgawy surat eserlerine duş gelmek bolýar.



**Geljegiň muzeýi, BAE.** Häzirki wagta çenli binagärlik taslamalarynyň içinde iň çylşyrymlysy hasaplanýan Geljegiň muzeýi Dubaý şäherinde ýerleşýär. Emeli baýryň üstünde gurlan muzeýiň daşky görnüşi süýnmek halkaly ýüzüge meňzeýär. Gurluşygyna 2018-nji ýylda başlanan muzeý 2022-nji ýylda ulanmaga berilýär. Dubaýyň täsin galdyryjy desgalarynyň biri bolan Geljegiň muzeýi 7 gatdan ybarat bolup, bu ýerde sergiler, tehnologik oýlap tapyşlaryň görkezilişi ýaly köpçülikleýin çäreler geçirilýär.

# Ýene-de KOFE BARADA...



**Köpimiziň günümiz kofe bilen başlanýan bolsa gerek. Kofe bütin dünýäde meşhur bolan içimlikleriň biridir. Häzirki zaman dünýäsinde bu hoşboý ysly içimlik şowlulygyň we işjeňligiň nyşany hasaplanýar. Eýsem, kofe we bu içimligiň taryhy barada nämeleri bilýäris?**

Kofe aslynda miwe bolup, kiçijik alça meňzeýär. Bu agaç ilki ap-ak gülleýär, soňra güllerde gunçalar peýda bolup, dänä öwrülýär. Ýaşyl däneleri gyzgylt reňke öwrülende, kofe hasyly ýygnalyp başlanýar. Ajymtyk tagamly bu miwe birbada ýetişmeýär. Onuň bişenlerini saýlap ýygnamaly bolýar. Ösdürilip ýetişdirilýän sebitine görä kofe dänesiniň ysy, gatylygy we tagamy üýtgeýär.

Kofeniň ata Watany Efiopiýa hasaplanýar. Bu ýurtda kofeniň 200-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Rowaýatlara görä, IX asyrda efiopiýaly geçi çopany ýadaw wagty töweregindäki agaçdan owunjak miweleri ýolup alýar hem-de çeýnäp başlaýar. Ol az salymdan ýadawlygynyň aýrylandygyna, ukusynyň gelmeýändigine göz ýetirýär. Geçi çopany sebedini bu miweden doldurup obasyna dolanýar. Şeýlelikde, kofe köpçülik tarapyndan çeýnemek arkaly sarp edilip başlanýar.

Ilkibaşda kofeniň dänesi çeýnelip, ajymtyk tagamy dadylan bolsa, XV asyrda guradylan kofe däneleri owradylyp, gyzgyn suwa garylan görnüşde içilip başlanýar. Kofe dänelerini üwäp, gyzgyn içimlige öwürmek usulyny demirgazyk afrikalylar oýlap tapýar. Şeýlelikde, owradylan kofeniň söwdasy başlanyp, Efiopiýadan Müsüre we Anadola, soňra Ýewropa ýurtlaryna ýaýraýar. Şol döwürlerde syýahatçylar nirä gitseler, ýany bilen owradylan kofe alyp gider ekenler. Kofeniň meşhurlyk gazanan sebiti Eýran hasaplanýar. Sebäbi bu ýurtda köpçülikleýin kofe içmek ýörgünli bolupdyr. Kofe araplaryň «kahwah» sözünden gelip çykyp, Gündogar ýurtlarynda «kofe», Ýewropa ýurtlarynda «koffie» görnüşinde atlandyrylyp başlanýar.

Wagtyň geçmegi bilen kofe senagatda gaýtadan işlenip, eksport edilýän önümleriň birine öwrülýär. Häzirki wagtda her ýyl 10 million tonnadan gowrak kofe öndürilýär. Braziliýa, Wýetnam, Kolumbiýa, Indoneziýa, Efiopiýa, Peru we Hindistan kofe öndüriji esasy ýurtlar hasaplanýar. Kofe önümçiliginde «Starbucks», «Costa Coffee», «Nescafe», «Tim Hortons», «Dunkin Doughnuts» kompaniýalary öňdeligi eýeleýär. Kofe nebitden soňra iň köp satylýan harytlaryň biri bolup, durmuşymyzda möhüm orny eýeleýär. Kofeni dogry saýlamak we taýýarlanyşyna ünsli çemeleşmek esasy şertleriň biridir. Bu içimlik öýde, işde, ýaryşlarda, gürrüňdeşliklerde täze pikirleriň döremegine, üstünliklere ýetmäge goldaw berýär.

# ÇAGALAR

✓ Garga dünýädäki iň akylly guşlaryň biri hasaplanýar. Alymlar garganyň beýleki guşlara görä has akyllydygyny tassyklaýarlar.

**Tomusky dynç alyş möwsümi tamamlanyp barýar. Dynç alyş möwsümi gyzykly geçen bolsa gerek. Täze dostlar tutunansyňyz, okuw merkezlerine gatnap dil öwrenensiňiz, oba gezelenje gidensiňiz, öý işlerine kömekleşensiňiz, sport bilen meşgullanansyňyz, gyzykly kitaplary okansyňyz, goşgulary ýat tutansyňyz. Öz başarnyklaryny kämilleşdirenler, döredijilik bilen meşgullananlar, küştdür şaşka oýnanlar, muzeýlere gidenler, şäheriň owadan künjeklerine syýahat edenler hem bardyr. Indi bolsa mekdebe taýýarlyk görmegiň wagty gelip ýetdi. Eýsem, täze okuw ýylyna girişmek, sapaklary gowy özleşdirmek üçin nähili taýýarlyk görmeli?!**





## Siz mekdebe taýýarmy?!

Ilki bilen gün tertibiniň sanawyny düzmeli. Ir bilen turmagy endik edinmeli. Arassaçylyk işleri bilen meşgullanmaly, maşk etmeli. Ertirlik edinmegi ýatdan çykarmaly däl. Wagtly-wagtynda iýip-içmeli hem-de rahat dynç almaly. Bu siziň sapaklary çalt we höwesli özleşdirmegiňize ýardam eder.

Täze okuw ýylyna «Men sapaklary hökman özleşdirerin», «Men hökman göreldeli okuwçylaryň biri bolaryn» diýip, öz öňüňizde maksat goýup, uly ruhubelentlik bilen girişiň! Ýaltanman okuw derslerine gündelik taýýarlyk görüň! Oýna güýmenip mekdepde berilýän ýumuşlary ýerine ýetirmegi ýatdan çykarmaly däl. Öýe berlen ýumuşlardan ilki ýazmaly gönükmeleri işläp, soňra okamaly ýa-da ýat tutmaly ýumuşlary ýerine ýetirseňiz ýadamarsyňyz.

Mekdebe gitmezden öň okuw esbaplaryňyzyň ýerbe-ýerdigine göz gezdiriň! Iş depderlerini okuw kitaplary bilen ugurdaş ýerleşdiriň! Ruçka, galam ýaly ýazuw esbaplaryny ýörite gaba salyp, aýratynlykda goýuň!

Mekdebe baranyňyzda oturýan ýeriňizi her gün arassalamagy endik ediniň! Bu şahsy we köpçülikleýin arassaçylyk üçin ähmiýetlidir. Mekdep partasynda düzgüne görä oturyň! Aýagyňyzy we eliňizi talabalaýyk goýup, dik oturmaga üns beriň! Bu siziň sagdyn ösmegiňiz üçin esasy şertleriň biridir. Şeýle hem arakesmelerde arassa howa çykyp, dynç almagy, maşk etmegi ýatdan çykarmaň!

## Krossword






# Gargadan ýeňlen tilki



(Erteki)

Gadym zamanlarda bir garga bilen bir tilki dost bolupdyr. Günlerde bir gün tilki gargany myhmançylyga çagyrýar-da, nahar bişirip, ony giň gapagyň ýüzüne ýazyp getirýär. Tilki:

– Al, garga dost, iýiber, örän süýjüdir – diýýär. Garga iýjek bolup, näçe jan etse-de, çünki gapaga degip, agzyna oňly zat ilmeýär. Tilki bolsa dili bilen nahary ýalap gutarýar. Şeýlelik bilen, garga aç galýar, nahary bolsa tilkiniň özi iýip gutarýar. Muňa garganyň gahary gelýär-de, irde-giçde tilkiden ar almagy ýüregine düwýär.

Günlerde bir gün garga hem tilkini myhmançylyga çagyrýar-da, süýji nahar bişirip, ony uzyn kädä salyp getirýär. Kädiniň agzynyň giňligi bolsa, garganyň çüňki sygaýjak ýaly eken. Garga:

– Al, tilki dost, tizräk iýeli, nahar sowamasyn – diýip, nahara başlaýar. Tilki näçe iýesi gelse-de, kädiniň agzyndan kellesi sygmansoň, diňe kädiniň daşyndaky çyrşaklary ýalaşdyryp oňmaly bolýar. Garga bolsa hiç zat bilmedik bolup, kädiniň agzyndan çüňküni sokup, tä doýýança hezil edinip iýýär. Käwagt hem:

– Tilki dost, iýsene, näme çalt yza çekildiň-le? – diýýär. Tilki bolsa:

– Sag bol, garga dost, mazalyja iýdim – diýip, hoşlaşyp gaýdýar.

Şondan bäri garganyň özüni aldanyna namys edip ýören tilki bir gün ýene-de gargany çagyryp, aryny almakçy bolýar:

– Garga dost, ýör, meýdana gezmäge gideli. Men saňa tilki oýnuny öwredeýin – diýýär. Olar meýdana çykansoň, tilki:

– Garga dost, gel, oýnumyza başlaly. Sen meniň guýrugymdan mäkäm ýapyş. Men «boldy» diýýänçäm goýbermegin – diýýär. Garga-da:

– Bolýar – diýip, tilkiniň guýrugyndan mäkäm tutýar weli, tilki bar güýji bilen çöp-çalamlaryň içinde ylgap başlaýar. Ondan-oňa, mundan-muňa urlup, garganyň ýelegi, ganaty gyrylýar, halys gyzyl etene bolýar. Garga ahyry çydap bilmän:

– Waý, tilki dost, boldy. Men tilki oýnuny öwrendim, öldürmejek bolsaň duraweri – diýýär.

– Öwrenen bolsaň, bolýar onda – diýip, tilki aýak çekip, yzyna seretse, garga halys gyzyl etene bolup giden eken. Onsoň garga süýrenip, zordan ketegine özüni atýar. Aradan birnäçe gün geçýär. Garga özüni dürseýär. Ýaralary gutulýar, ýelekleri ösüşýär, ýene öňki katdyna gelýär. Günlerde bir gün garga tilkini çagyryp:

– Ýör, meýdana gezmäge gideli, men saňa garga oýnuny görkezeýin – diýýär. Tilki hem muňa razy bolýar. Giň meýdana çykansoňlar, garga:

– Tilki dost, sen meniň arkama mün, özüňem berk ýapyş – diýýär. Tilki hem onuň arkasyna münüp, mäkäm ýapyşýar weli, garga: «Hop ýagşy» diýip, ýuwaş-ýuwaşdan bat alyp, asmana göteriliberýär. Garga käte tilkiden:

– Tilki dost, ýer görünýärmi? – diýip soraýar. Eger tilki:

– Hawa, görünýär – diýse, garga ýene ýokary galýar. Ahyry tilki:

– Garga dost, indi ýokary galma, men gorkýaryn. Ýeriň dagy garasy ýitdi gitdi – diýýär. Garga:

– Indi zyňaýsam boljak öýdýän – diýip, tilkini agdaryp goýberýär. Tilki bolsa:

– Ýa suw, ýa saman – diýip, şaglap aşak gaýdýar.

**«Niýetiň näme bolsa, myradyň şonda».**

## Şekilli reňkläň







## Banaia arany açýar

**Moto GP boýunça möwsümiň 10-njy ýaryşy Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçirildi. 28 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italiýaly sürüjisi Frančesko Banaia ýeňiş gazandy. Ol pellehana 42 minut 23,315 sekuntda gelip, möwsümdäki 5-nji, karýerasyndaky 16-njy ýeňşini baýram etdi. Sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazanan Banaia Awstriýa «Gran Prisini» 37 utuk bilen tamamlady.**

**Ýaryşda «Red Bull KTM» toparynyň Günorta afrikaly sürüjisi Bred Baýnder ýeňijiden 5,191 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. «Mooney VR46 Racing» toparynyň ýerli, italiýaly sürüjileri – Marko Bezzekki bilen Luka Marini ýaryşy 3-4-nji orunlarda tamamladylar.**

**10-njy ýaryşdan soň Banaia 251 utuk bilen sürüjileriň sanawynda öňde barýar. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň 189, 3-nji orundaky Marko Bezzekkiniň 183 utugy bar.**

**Möwsümiň 11-nji ýaryşy 3-nji sentýabrda Ispaniýanyň Katalunýa sebitindäki Montmelo şäherinde geçiriler.**

# ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 14-nji tapgyrdaky 4 oýunda 19, 15-nji tapgyrdaky 3 oýunda 9 gol geçirildi. 15-nji tapgyrdaky duşuşyklaryň üçüsinde-de myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy.**



Türkmenistanyň futbol çempionatynda 14-nji tapgyrda sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyndan 1-nji ýarymda geçiren gollary esasynda 2-0 hasabynda üstün çykdy. Olara ýeňiş getiren gollary 15-nji minutda Şanazar Tirkişow, 43-nji minutda-da penaltiden Didar Durdyýew geçirdi.

Tapgyryň iň köp golly hem-de iň uly aratapawutly tamamlanan duşuşygynda «Altyn asyr» topary «Köpetdagy» 6–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 25-nji, 38-nji hem-de 66-njy minutlarda tapawutlanan Rahman Myratberdiýew het-trik etdi. Beýleki gollary Zafar Babajanow, Wahyt Orazsähedow hem-de Arslan Saparow geçirdi. «Köpetdagyň» ýeke-täk goluny 60-njy minutda Şamämmet Hydyrow öz adyna ýazdyrdy.

6 goluň geçirilen duşuşygynda «Nebitçi» myhmançylykda «Energetik» toparyny 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 4–0 öňe saýlanan «Nebitçiniň» gollaryny Magtymberdi Berenow (6 p, 42), Myratdurdy Baýramow (27) hem-de Seýitmämmet Hojamämmedow (76) geçirdi. Oýnuň soňky minutlarynda Guwanç Berdimyradowyň (84) hem-de Perman Hallyýewiň (90+3) tapawutlanmagynda 2 gol geçiren «Energetik» toparynyň bu tagallasy ýeňiş üçin ýeterlik bolmady.

«Ahal» bilen «Şagadamyň» arasyndaky duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady. «Ahal» topary 2 gezek öňe saýlansa-da, üstünligini saklamak başartmady. 8 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda «Ahalyň» adyndan Elman Tagaýew (31), Ýazgylyç Gurbanow (51), «Şagadamyň» adyndan bolsa Yhlas Magtymow (45) bilen Pirmyrat Sultanow (70) tapawutlandy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 12 | 12 | 0 | 0 | 39–9 | 36 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 12 | 8 | 2 | 2 | 27–10 | 26 |
| 3 | «NEBITÇI» | 13 | 8 | 1 | 4 | 23–14 | 25 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 13 | 5 | 2 | 6 | 17–25 | 17 |
| 5 | «AŞGABAT» | 13 | 5 | 1 | 7 | 15–26 | 16 |
| 6 | «AHAL» | 12 | 4 | 1 | 7 | 16–19 | 13 |
| 7 | «ENERGETIK» | 12 | 4 | 0 | 8 | 10–22 | 12 |
| 8 | «ŞAGADAM» | 14 | 2 | 2 | 10 | 9–24 | 8 |
| 9 | «MERW» | 9 | 1 | 3 | 5 | 8–15 | 6 |

15-nji tapgyrda «Arkadag» topary myhmançylykda «Nebitçini» Didar Durdyýewiň 34-nji minutda hem-de penaltiden 60-njy minutda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Altyn asyr» topary myhmançylykda «Şagadam» topary bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda «Altyn asyryň» gollaryny Myrat Annaýew (52 p) bilen Arslan Saparow (74), «Şagadam» toparynyň ýeketäk pökgüsini bolsa Pirmyrat Sultanow (77 p) derweze girizdi.

«Aşgabat» bilen «Ahalyň» arasyndaky oýun myhmanlaryň ynamly ýeňşi bilen tamamlandy. Garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizen «Ahalyň» adyndan Gurban Annaýew (7), Elman Tagaýew (33 p, 90) hem-de Ýazgylyç Gurbanow (81) tapawutlandy.

16-njy tapgyryň duşuşyklary 26-njy hem-de 27-nji awgustda geçiriler: «Merw»—«Şagadam», «Altyn asyr»—«Aşgabat», «Ahal»—«Nebitçi», «Arkadag»—«Energetik».

## «Merw» AFK Kubogynda toparçalarda çykyş eder





Aziýa klublarynyň 2-nji derejeli ýaryşy AFK Kubogynyň pleý-off tapgyrynda Marynyň «Merw» topary ýeňiş gazanyp, taryhynda ilkinji gezek toparçalarda çykyş etmäge ygtyýar aldy. Myhmançylykda Täjigistanyň «Hujand» topary bilen duşuşan «Merw» esasy wagty 1–1 tamamlanan oýunda ilkinji bolup, öňe saýlandy. Ýagny duşuşygyň 54-nji minutynda Murat Ýakşiýew hasaby açdy. Oýnuň 79-njy minutynda-da täjik kluby Parwiz Bokiýewiň goly bilen hasaby deňledi. Galan minutlarda-da hasap üýtgemedi we goşmaça 30 minut berildi.

Goşmaça wagtyň ilkinji 15 minutynda skorborddaky sanlarda üýtgeşiklik bolmady. 2-nji 15 minutda-da erjel oýun görkezen «Merw» topary 114-nji minutda Myrat Öwezmyradowyň goly bilen 2–1 öňe saýlandy. Bu duşuşykdaky soňky gol boldy. Şunlukda, iki atdaş futbolçysynyň, ýagny Myratlaryň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Merw» topary AFK Kubogynda toparçalarda çykyş eder. «Merw» topary Merkezi Aziýa zolagynyň toparçasynda ýurdumyzyň wekili «Altyn asyr», şol sanda Täjigistanyň «Rawşan», Gyrgyz Respublikasynyň «Abdyş-Ata» toparlary bilen duşuşar. Toparçalardaky duşuşyklar 18-nji sentýabrda başlap, 14-nji dekabrda tamamlanar.




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*25-nji awgust:*

Leipsig – Ştutgart (23:30)
Çelsi – Luton (00:00)
Nant – Monako (00:00)
Selta – Real Madrid (00:30)

*26-njy awgust:*

Bornmut – Tottenham (16:30)
Zenit – Ural (17:00)
Bohum – Borussiýa D (18:30)
M. Ýunaýted – Nottingam (19:00)
Arsenal – Fulham (19:00)
Milan – Torino (23:45)
**PSŽ – Lans (00:00)**

*27-nji awgust:*

Şeffild Ýun. – Man. Siti (18:00)
**Nýukasl – Liwerpul (20:30)**
**Wilýarreal – Barselona (20:30)**
Bawariýa – Augsburg (20:30)
Ýuwentus – Bolonýa (21:30)
Napoli – Sassuolo (23:45)
Fenerbahçe – Istanbul BŞ (23:45)

*28-nji awgust:*

Adana Demirspor – Beşiktaş (23:00)
Kaliari – Inter (23:45)

# DÜNÝÄNIŇ TÄZE ÇEMPIONY – ISPANIÝA

**Täze Zelandiýa hem-de Awstraliýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky 9-njy FIFA Dünýä Kubogynda Ispaniýanyň ýygyndysy taryhyndaky ilkinji çempionlygyny gazandy.**

Awstraliýanyň Sidneý şäherinde oýnalan finalda Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndylary duşuşdy. Çe-




keleşikli geçen oýunda ispanlar 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Ispaniýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 29-njy minutda Olga Karmona geçirdi. Duşuşygyň 70-nji minutynda ispanlaryň ýyldyz oýunçysy Jennifer Hermoso penalti urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Penalti saklamakda ussat hasaplanýan angliýaly derwezeçi Meri Irp urgyny sowmagyň hötdesinden geldi. Duşuşygyň ahyrlarynda iňlisler hasaby deňlejek bolup, jan aýaman hüjüm etdiler. Ýöne goragda erjellik görkezen ispanlar oýnuň soňuna çenli hasaby goramagy başardylar. Netijede, ilkinji gezek finala çykan 2 toparyň duşuşygynda Ispaniýanyň ýygyndysy 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 3-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşan Ispaniýanyň ýygyndysy çempionlyk gazanan 5-nji topar boldy. 1991-nji ýyldan bäri her 4 ýyldan 1 gezek geçirilýän ýaryşda mundan öň ABŞ – 4 (1991, 1999, 2015, 2019), Germaniýa 2 (2003, 2007), Norwegiýadyr (1995) Ýaponiýa (2011) 1 sapar çempionlyk gazandy. Şeýle-de, Ispaniýa Germaniýadan soň hem erkekleriň, hem-de zenanlaryň arasynda Dünýä Kubogyny gazanan 2-nji ýurt boldy.

Angliýa 6-njy gezek gatnaşan ýaryşynda ilkinji sapar kümüş medal gazandy. Olar geçen çempionatda 4-nji, ondan öňki bäsleşikde-de 3-nji ýeri eýeläpdiler.

### ŞWESIÝA ÝENE-DE BÜRÜNÇ MEDAL GAZANDY

Çempionatyň bürünç medalynyň eýesi üýtgemän Şwesiýanyň ýygyndysy 3-nji ýer üçin geçirilen oýunda Awstraliýany Fridolina Rolföniň (30 p) hem-de



Kosoware Asllaniniň (62) gollary esasynda 2–0 ýeňdi. Skandinawlar bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji gezek bürünç medala mynasyp boldular. Olar mundan öň 1991-nji, 2011-nji hem-de 2019-njy ýyllarda bürünç medal gazanypdylar. Şwesiýanyň ýygyndysy 2003-nji ýylda kümüş medala mynasyp bolupdy.



Awstraliýanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezek 4-nji orny eýeledi. 8-nji gezek çempionata gatnaşan awstraliýalylara mundan öň çärýek finaldan geçmek başartmandy.




Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, ispaniýaly Aitana Bonmati saýlandy. Ol «Altyn top» baýragy bilen sylaglandy. Onuň topardaşy Jennifer Hermoso «Kümüş top», şwesiýaly Amanda Ilestedt «Bürünç top» baýragyna mynasyp boldy. Çempionatda 5 gol geçirip, 1 goluň pasyny beren ýaponiýaly Hinata Miýazawa ýaryşyň iň netijeli futbolçysyna berilýän «Altyn butsy» baýragy bilen sylaglandy. 4 gol geçirip, 3 goluň pasyny beren fransiýaly Kadidiatu Diani «Kümüş butsy», 4 gezek tapawutlanan germaniýaly Aleksandra Popp «Bürünç butsy» baýragyna laýyk görüldi. Angliýanyň milli ýygyndysynyň derwezeçisi Meri Irp «Altyn ellik» baýragy bilen sylaglandy. Ispaniýaly Salma Paralluelo ýaryşyň iň ökde ýaş oýunçysy diýlip saýlandy. Çempionatyň «Fair-Play» baýragy-da Ýaponiýanyň ýygyndysyna berildi.

Çempionatda 64 oýunda 164 gol geçirildi (ortaça 2,56). Duşuşyklara stadionlarda 1 milliard 978 müň 274 janköýer tomaşa etdi (ortaça 30 911).

## Jokowiçiň 95-nji kubogy

**ABŞ-nyň Sinsinnati şäherinde geçirilen «Sinsinnati Masters» ýaryşynda erkeklerden Nowak Jokowiç, zenanlardan Koko Gauff ýeňiş gazandy.**

Erkekleriň arasynda 122-nji gezek geçirilen ýaryşyň finalynda serbiýaly Nowak Jokowiç bilen ispaniýaly Karlos Alkaras duşuşdy. Iki tennisçi mundan 1 aý töweregi öň «Wimbledonyň» finalynda duşuşypdylar we şonda Alkaras taryhy ýeňiş gazanypdy. Bu gezekki duşuşykda ýeňiş Jokowiçiň tarapynda boldy. 3 sagat 50 minutlap dowam eden finalyň 1-nji setinde 20 ýaşyndaky Alkaras 7:5 öňe saýlansa-da, 2–3-nji setlerde taý-bregiň netijesinde 7:6 hasaplar bilen üstün çykan Jokowiç 2:1 ýeňiş gazandy. Şunlukda, 36 ýaşyndaky tennisçi Sinsinnatidäki 3-nji, umumylykda-da «Masters» ýaryşlaryndaky 39-njy çempionlygyny gazanyp, öz rekordyny ýokarlandyrdy. Şeýle-de, Jokowiç karýerasyndaky 95-nji ATP Kubogyny gazanyp, çehiýaly Iwan Lendlden öňe saýlandy we 3-nji orna geçdi. Häzirki wagtda Jokowiçden öňde «Açyk» döwürde çempionlyk gazanmakda Jimmi Konnors bilen Rojer Federer bar. Konnors 109, Federer 103 ýaryşda çempion boldy.



Zenanlaryň arasyndaky 95-nji «Sinsinnati Masters» ýaryşynyň finalynda amerikaly Koko Gauff bilen çehiýaly Karolina Muhowa duşuşdy. Duşuşykda Gauff 6:4 we 6:3 hasaplar bilen üstün çykyp, ilkinji «Masters» çempionlygyny gazandy. Bu ýeňiş 19 ýaşyndaky tennisçiniň karýerasyndaky 5-nji WTA Kubogy hökmünde hasaba alyndy.



## Ýeňijiler jogap duşuşygynda belli bolar





**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalarda çykyş etjek galan 6 topary kesgitleýän pleý-off tapgyryň 1-nji oýunlary geçirildi. 2 topar myhmançylykdan ýeňiş bilen dolansa-da, anyk netije jogap oýunlaryndan soň belli bolar.**

Tapgyryň iň ünsi çeken duşuşygynda «Reýnjers» bilen PSW duşuşdy. Glazgodaky oýunda ýer eýeleri 2 gezek öňe saýlansa-da, her saparynda myhmanlar jogap berdi we duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Duşuşykda «Reýnjersiň» gollaryny Sima (45) bilen Matondo (76), PSW-niň gollaryny Sangare (61) bilen De Ýong (80) geçirdi.

Belgiýanyň «Antwerpen» topary mundan öňki tapgyrda «Dinamo Zagrebi» ýaryşdan çykaran Gresiýanyň AEK klubuny öz meýdançasynda Winsent Ýansseniň 16-njy minutdaky goly bilen 1–0 ýeňdi. Daniýanyň «Kopengagen» topary-da «Rakuw Çenstohowy» toparyndan Rakowisanyň 9-njy minutda öz derwezesinden geçiren goly esasynda 1–0 üstün çykyp, Polşadan ýeňiş bilen dolandy.

Türkiýäniň «Galatasaraý» topary myhmançylykda Norwegiýanyň çempiony «Molde» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňşini baýram etdi. 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan «Galatasaraýyň» gollaryny 25-nji minutda Serhio Oliweiro, 29-njy minutda Mauro Ikardi hem-de onuň pasyndan soň 90+4-nji minutda Midtşe geçirdi. Ýer eýeleriniň adyndanam Ellingsen (8) bilen Haugen (56) tapawutlandy. «Braga» –«Panatinaikos» duşuşygynda ýer eýeleri Ruiz (51) hem-de Džalonyň (73) gollary bilen 2-0 öňde barýarka, grek kluby Mançininiň 90+5-nji minutdaky goly esasynda jogap oýny üçin umytly dolandy. «Makkabi Haýfa»–«Ýang Boýz» duşuşygynda hasap açylmady. Jogap oýunlary 29–30-njy awgustda oýnalar. Toparçalaryň bijeleri bolsa 31-nji awgustda çekiler.

***Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:*** «Makkabi Haýfa»—«Ýang Boýz»: 0–0, «Antwerpen»—«AEK Afiny»: 1–0, «Rakuw Çenstohowy»—«Kopengagen»: 0–1, «Molde»—«Galatasaraý»: 2–3, «Reýnjers»—«PSW Eýndhowen»: 2–2, «Braga»—«Panatinaikos»: 2–1.

## Messi «Inter Maýami» toparyna ilkinji kubogyny gazandyrdy





**Argentinaly Lionel Messi täze kluby «Inter Maýami» bilen entek köp wagt geçmänkä ilkinji kubogyny asmana göterdi. 36 ýaşyndaky oýunçy karýerasyndaky 44-nji kubogyny gazandy.**

**«Inter Maýami» topary KONKAKAF Liga Kubogynyň finalynda «Neşwill» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmady. Duşuşygyň esasy wagty 1-1 deňlikde gutaryp, maýamilileriň goluny 23-nji minutda Lionel Messi, ýer eýesi hökmünde çykyş eden neşwillileriň goluny-da 57-nji minutda Fafa Piko öz adyna ýazdyrdy. Oýundan soň goşmaça wagt oýnalmazdan toparlar penalti urgusyny ýerine ýetirdiler. Toparlaryň hersinden 10 oýunçy penalti urup, «Inter Maýamide» 1, «Neşwillde» 2 futbolçy takyk urup bilmedi. 10–9 hasabynda öňe çykan «Inter Maýami» topary taryhyndaky ilkinji kubogyny gazandy. Bu kubok Messiniň täze klubundaky ilkinji, karýerasyndaky 44-nji kubogydyr. Ýyldyz oýunçy häzirki wagtda iň köp kubok gazanan futbolçylaryň sanawynda 1-nji orny eýeleýär.**

**Messi KONKAKAF Liga Kubogy ýaryşynda 7 oýunda 10 gol geçirip, bäsleşigiň iň köp gol geçiren futbolçysy boldy. Galyberse-de, ol ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.**

## Transfer täzelikleri

**«AL HILALYŇ» TÄZE TRANSFERLERI**

● Saud Arabystanynyň iň öňdebaryjy kluby «Al Hilal» transfer üstüne



transfer etmegini dowam edýär. Er-Riýad şäheriniň wekili Neýmaryň transferinden soň düzümine ýene 2 futbolçy goşdy. Paýtagtlylar ilki «Sewilýa» toparynyň marokkoly derwezeçisi Ýassin Bununy 21 million ýewro transfer etdi. «Al Hilal» topary 32 ýaşyndaky derwezeçi bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.

«Al Hilal» Bunudan soň «Fulhamyň» serbiýaly hüjümçisi Aleksandar Mitrowiçi hem düzümine goşdy. «Al Hilal» 28 ýaşyndaky hüjümçi üçin londonlylara 45 million funt sterling möçberinde pul tölär. 28 ýaşyndaky hüjümçi bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Mitrowiç täze klubunda 9-njy belgili köýnekçäni geýer.

**RONALDONYŇ 60 MILLION ÝEWROLYK TÄZE TOPARDAŞY**

● Saud Arabystanynyň «Al Nassr» topary «Porto» toparyndan portugaliýaly ýarymgoragçy Otawiony düzümine goşdy. Kristiano Ronaldonyň çykyş edýän kluby 28 ýaşyndaky oýunçy üçin «Porto» klubuna 60 million ýewro berer. Otawio «Al Nassr» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Otawio «Portonyň» taryhyndaky transfere goýberen iň gymmat oýunçysydyr. Mundan öňki rekord Eder Militao degişli bolup, ony «Real Madrid» 50 million ýewro satyn alypdy. Asly braziliýaly futbolçy «Portoda» geçiren 7 möwsüminde 282 oýunda 31 gezek tapawutlandy.



● «Marsel» topary bilen şertnamasy tamamlanan tejribeli futbolçy Dimitri Paýet başga bir yklyma geçdi. 36 ýaşyndaky fransiýaly futbolçy Braziliýanyň «Wasko de Gama» toparyna transfer boldy. Paýet brazil kluby bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ýyldyz oýunçyny müňlerçe janköýer uly şowhun bilen garşy aldy. Ol täze klubunda 10-njy belgide oýnar. Paýet karýerasy boýunça ýurdunyň «Ekselsior», «Nant», «Sent-Etien», «Marsel», «West Ham» we ýene-de «Marsel» klublarynda oýnady. Onuň klublarda 703 oýunda 154 goly bar.



* * *

● Soňky 2 transferi «Çelsi» toparyna aldyran «Liwerpul» topary ahyry ýarymgoragyna bir oýunçy almagy başardy. Ýurgen Kloppuň tälim berýän topary Germaniýanyň «Ştutgart» toparyndan ýaponiýaly Wataru Endony transfer etdi. «Liwerpul» topary 30 ýaşyndaky ýarymgoragçy üçin nemes klubuna 18 million ýewro tölär. Endo täze klubunda 3-nji belgili köýnekçäni geýer we ol 4 ýyllyk şertnama gol çekdi. 4 möwsüm «Ştutgartda» oýnan Endo 133 oýunda 15 gol geçirdi.



* * *

● Angliýanyň «Çelsi» topary Moises Kaisedodan soň ýene bir ýaş ýarymgoragçy bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy. Londonlylar «Liwerpul» toparynyň hem içgin gyzyklanan futbolçysy Romeo Lawiýany transfer etdi. «Çelsi» topary bu transfer üçin «Southempton» toparyna 53+5 million funt sterling tölär. 19 ýaşyndaky belgiýaly oýunçy «Çelsi» bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy.



* * *

● 20 ýyldan soň UEFA Çempionlar Ligasynda çykyş etjek «Lans» topary esasy hüjümçisi Loi Opendany «Leipsige» ugradypdy. Fransuz kluby Opendanyň öwezini ýurduň başga bir kluby «Monpelieniň» esasy hüjümçisi Elie Wai bilen doldy. 55 million ýewro transfer edilen fransiýaly hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyldy. «Monpeliede» futbola başlan 20 ýaşyndaky Wai «Monpeliede» 92 oýunda 32 gol geçirdi.



* * *

● Niderlandlaryň PSW topary «La Liganyň» çempiony «Barselonanyň» 22 ýaşyndaky çep gyraky goragçysy Serjinio Desti 1 ýyllyk kärendesine transfer etdi. Geljek tomusda PSW topary amerikaly oýunçyny «Barselona» 10 million ýewro berip, ymykly transfer hem edip biler. «Aýaksda» futbola başlan Dest 2021-nji ýylda 21 million ýewro «Barselona» transfer bolupdy. Ol geçen möwsümde «Milanda» kärendesine çykyş etdi.



# DÜNÝÄ ÇEMPIONATY DOWAM EDÝÄR

**Wengriýanyň paýtagty Budapeştde geçirilýän ýeňil atletika boýunça 19-njy Dünýä çempionaty dowam edýär. Geçirilen ýaryşlarda häzirlikçe 1 dünýä rekordy, şol sanda çempionatyň hem 3 rekordy täzelendi.**



Ýeňil atletikanyň iň esasy görnüşi bolan 100 metr ylgawda erkekdir zenanlaryň arasynda täze çempionlar ýüze çykyp, amerikaly sprinterler münberiň iň ýokary basgançagyna çykdylar.

Erkekleriň arasynda amerikaly Noa Laýles ýylyň iň ýokary görkezijisi bilen – 9,83 sekuntda pellehana gelip, bu ugurda ilkinji çempionlygyny gazandy. Ol botswanaly Letsile Tebogodan hem-de britaniýaly Žarnerl Hýuzdan öňe saýlandy.

Zenanlaryň arasynda-da garaşylmadyk çempion ýüze çykdy. Amerikaly 23 ýaşyndaky ŞaKerri Riçardson ýamaýkaly ýyldyzlardan öňe saýlandy. Ol 100 metr aralygy 10,65 sekuntda geçip, çempionatyň rekordyny täzeledi. Bu onuň uly ýaryşlardaky ilkinji altyn medaly boldy. Ýaryşda geçen ýylyň wise-çempiony Şerika Jekson ýene-de 2-nji ýeri eýeledi. Soňky 7 Dünýä çempionatynda 5 gezek altyn medal gazanan ýamaýkaly meşhur sprinter Şelli-Ann Fraýzer-Praýs bu sapar bürünç medal bilen oňňut etmeli boldy.

## ÇEMPIONLYGYNY GORAMAGY BAŞARDYLAR

● Erkekleriň arasyndaky päsgelçilikli 110 metr ylgaw ýaryşynda çempion üýtgemedi. Amerikaly Grant Holloweý bassyr 3-nji çempionlygyny gazandy. Ol bu ugurda watandaşy Greg Fosterden soň yzly-yzyna 3 altyn medal gazanan 2-nji türgen boldy.

Gülle iteklemekde amerikaly Raýan Krouser çempionlygyny goramagy başardy. Ol 23,51 metrlik görkeziji bilen altyn medalynyň üstüni çempionatyň rekordy bilen ýetirdi. Italiýaly Leonardo Fabbri 2-nji, 2019-njy ýylyň çempiony, 2017-nji we 2022-nji ýyllaryň wise-çempiony amerikaly Jou Kowaç 3-nji orna mynasyp boldy.

10 000 metre ylgamakda erkekleriň arasynda soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi ugandaly Joşua Çeptegei bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy. 27 minut 51,42 sekuntda pellehana gelen Çeptegei keniýaly Daniel Ebenýo hem-de efiopiýaly Selemon Baregadan öň pellehana geldi.

Erkekleriň arasynda päsgelçilikli 3000 metre ylgamakda çempion üýtgemedi. Marokkoly Sofian El Bakkali bassyr 2-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Keniýaly Lameça Girma bolsa yzly-yzyna 3-nji gezek kümüş medala mynasyp boldy. Onuň watandaşy Abraham Kibiwott bürünç medal gazandy.

Zenanlaryň arasynda 1500 metr ylgawda soňky ýyllaryň ýyldyz ylgaýjysy, rekordlaryň eýesi keniýaly Fait Kipýegon ýeňiş gazandy. Bu onuň yzly-yzyna 2-nji, umumylykda-da 3-nji Dünýä çempionlygydyr. 29 ýaşyndaky türgeniň 2 kümüş medaly hem bar. Efiopiýaly Diribe Weltejiniň 2-nji bolan ýaryşynda 2019-njy ýylyň çempiony Sifan Hassan (Niderlandlar) bürünç medal gazandy.

## TÄZEDEN ÇEMPIONLYK GAZANDYLAR

● Erkekleriň arasynda disk zyňmakda şwesiýaly Daniel Stol 2019-njy ýyldan soň 2-nji gezek Dünýäniň çempionlygyny gazandy. 71,46 metrlik görkeziji bilen çempionatyň rekordyny täzelän Stol geçen ýaryşyň çempiony Kristian Çehden hem-de litwaly Mikolas Aleknadan öňe saýlandy.

Päsgelçilikli 400 metr ýaryşynda norwegiýaly Karsten Warholm 2 ýyllyk arakesmeden soň 3-nji çempionlygyny gazandy. Ol bu ugurda 3 gezek Dünýäniň çempionlygyny gazanan ilkinji türgen boldy. Britan Wirgin adalarynyň wekili Kaýron MakMasteriň 2-nji bolan ýaryşynda mundan öňki 2 çempionatda kümüş medal gazanan amerikaly Rai Benžamin 3-nji ýeri eýeledi.

Zenanlaryň arasyndaky köp görnüşli (heptatlon) ýaryşynda 2019-njy ýylyň çempiony britaniýaly Katarina Jonson-Tompson 6740 utuk toplap, 2019-njy ýyldan soň 2-nji altyn medalyna mynasyp boldy. Çempionlyk ugrunda soňuna çenli göreş alyp baran amerikaly Anna Holl 20 utuk az toplap, 2-nji ýeri eýeledi. Niderlandlardan Anuk Wetter 3-nji orna mynasyp boldy.

## AHYRY ALTYN MEDAL GAZANDY

● Zenanlaryň arasynda uzynlygyna bökmekde serbiýaly Iwana Wuelta ahyry altyn medal gazanmagy başardy. 33 ýaşyndaky ýeňil atletikaçy 2013-nji we 2015-nji ýyllardaky bürünç medallardan soň Dünýäniň çempiony boldy. Ol amerikaly Tara Dewis-Wudholl hem-de rumyniýaly Alina Rotaru-Kottmanndan öňe saýlandy.

Erkekleriň arasynda beýikligine bökmekde italiýaly Janmarko Tamberi ahyry katarly Mutaz Essa Barşimiň çempionlygyny soňlandyrdy. 2,36 metre böken Tamberi bu ugurda çempionlyk gazanan ilkinji italiýaly türgen boldy. Amerikaly Juwon Harrison kümüş, mundan öňki ýaryşyň çempiony Mutaz Essa Barşim bürünç medaly eýeledi.

Zenanlaryň arasynda 400 metre ylgamakda dominikanly Marileidi Paulino 48,76 sekuntda pellehana gelip, milli rekordyny täzeledi hem-de altyn medal gazanmagy başardy. Ol geçen çempionatda 2-nji ýeri eýeläpdi. Polşaly Natali Kaçmaregiň 2-nji bolan ýaryşynda barbadosly Sada Wiliams ýene-de bürünç medal gazandy.

Erkekleriň arasynda üçürdikläp bökmekde burkino fasoly Hýug Fabris Zango geçen ýylky kümüş medalyndan soň 17,64 metre böküp, altyn medal gazanmagy başardy. 30 ýaşyndaky türgen bu çempionatda altyn medal gazanan ilkinji burkino fasoly ýeňil atletikaçy boldy. Umumylykda Zango ýurdunyň 3 medalyny gazanan türgen bolup, ol mundan öňem kümüşdir bürünç medallaryň hersinden birini boýnuna dakypdy. Zango Budapeştde kubaly Lazaro Martines hem-de Kristian Napolesden öňe saýlandy.

10 metre ylgamakda zenanlaryň arasyndaky 3 medaly hem efiopiýalylar gazandy. Gudaf Tsegaý altyn medal, geçen ýaryşyň çempiony Letesenbet Gideý kümüş, Ejgaýehu Taýe bürünç medala mynasyp boldy.

20 kilometrlik ýöriş ýaryşlarynda erkekdir zenanlaryň arasynda ispaniýaly türgenler ýeňiş gazandy. Erkekleriň arasynda Alwaro Martin, zenanlardan Mariýa Peres ilkinji altyn medallaryny gazandylar.

Garyşyk 4x400 metr estafeta ylgaw ýaryşynda amerikaly ylgaýjylar 3:08,80 sekuntlyk görkeziji bilen dünýä rekordyny täzelediler. Beýik britaniýaly türgenler 2-nji, çehiýaly ylgaýjylar 3-nji orna mynasyp boldy. Olaryň ikisi hem milli rekordlaryny täzelediler.

## TÄZE ÝEŇIJILER

● Disk zyňmak boýunça zenanlaryň arasynda amerikaly Laulauga Tausaga taryhy çempionlyk gazandy. Ol bu ugurda çempion bolan ilkinji amerikaly zenan boldy. Diski 69,49 metr uzaga zyňan Tausaga Olimpiýa çempiony, watandaşy Walarie Allmandan hem-de geçen ýylyň çempiony hytaýly Fen Binden öňe saýlandy.

Erkekleriň arasynda ýekedaban zyňmakda Itan Katzenberg ýeňiş gazanyp (81,25 metr), ol bu ugurda altyn medal alan ilkinji kanadaly ýeňil atletikaçy hökmünde hasaba alyndy. Sähelçe tapawut (81,02 metr) bilen çempionlygy elden gideren polşaly Woýçek Nowiski ýene-de altyn medal alyp bilmedi. 34 ýaşyndaky türgen bassyr 2-nji gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Ol ondan öňem 3 gezek bürünç medal alypdy. Wengriýaly Bense Halas 2019-njy ýyldan soň 2-nji gezek bürünç medaly boýnuna dakdy.

Erkekleriň arasyndaky 1500 metr ylgawda norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen ýene-de soňky metrlerde britaniýaly türgenden, bu gezek Joş Kerrden yza galyp, bassyr 2-nji gezek kümüş medal gazandy. Kerriň altyn medal alan ýaryşynda başga bir norwegiýaly Narwe Gilýe Nordas 3-nji orna mynasyp boldy.

## ÇEMPIONLYGY PAÝLAŞDYLAR

● Zenanlaryň arasyndaky syrykly bökmek ýaryşynda altyn medaly 2 türgen paýlaşdy. Ähli görkezijileri deň bolan geçen ýylyň çempiony, amerikaly Keýti Mun (Nejeotte) bilen awstraliýaly Nina Kennedi altyn medala mynasyp boldy. Bürünç medaly-da Ýewropanyň çempiony, finlýandiýaly Wilma Murta eýelemegi başardy. Mundan öň 3 çempionatda kümüş medal gazanan Sendi Morris bu gezek 7-nji orun bilen kanagatlanmaly boldy.

Ýeňil atletika boýunça 19-njy Dünýä çempionaty 27-nji awgustda tamamlanar.

# «AHAL» AFK ÇEMPIONLAR LIGASYNDA «A» TOPARÇADA ÇYKYŞ EDER

**Aziýa yklymynyň iň uly klub ýaryşy AFK Çempionlar Ligasynda täze möwsüminiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Geçiriliş usuly az-owlak üýtgedilen ýaryşyň toparçalardaky oýunlary sentýabr aýynda başlap, dekabr aýynda-da tamamlanar. Ýaryşyň çempiony geljek ýylyň maý aýynda belli bolar.**

Ýurdumyzyň adyndan çempion «Ahal» topary hem ýaryşa bassyr 2-nji gezek wekilçilik eder. Ildeşlerimiz «A» toparça düşüp, «Ahalyň» bijesine Özbegistanyň «Pahtakor», Saud Arabystanynyň «Al Faýha» hem-de BAE-niň «Al Ain» klublary çykdy.

## ÝYLDYZLARYŇ KLUBLARY BAŞGA TOPARÇA DÜŞDI

● Kristiano Ronaldonyň çykyş edýän «Al Nassr» topary «E» toparçada Eýranyň «Persepolis», Kataryň «Al-Duhail» hem-de Täjigistanyň «Istiklol» toparlary bilen bije çekişdi. Neýmaryň çykyş edýän «Al Hilal» topary «D» toparçada Eýranyň «Nassaji», Hindistanyň «Mumbaý Siti» hem-de Özbegistanyň «Nawbahor» klublary bilen duşuşar. Karim Benzemanyň çykyş edýän «Al-Ittihad» topary «C» toparçada bolup, olar Eýranyň «Sepahan», Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» hem-de Özbegistanyň AGMK klublary bilen özara güýç synanyşarlar.

Ýaryş 2 zolakda geçirilip, Günbatar hem-de Gündogar sebitleriniň hersinde



5 toparça bolar we her toparçada 4, jemi ýaryşa 40 klub gatnaşýar. Her toparçanyň ýeňijisi hem-de 2-nji ýeri eýelänleriň iň gowy 6-sy 1/8 finala çykar.

Günbatar zolagynyň toparçalarynda Saud Arabystanyndan, Özbegistandan 4, Eýrandan 3, Katardan, BAE-den 2, Türkmenistandan, Yrakdan, Täjigistandan, Hindistandan, Iordaniýadan 1 klub çykyş eder. Gündogar sebitiniň toparçalarynda-da Günorta Koreýadan, Ýaponiýadan 4, Hytaýdan, Tailanddan 3, Gonkongdan, Awstraliýadan, Singapurdan, Malaýziýadan, Wýetnamdan hem-de Filippinlerden 1 topar çykyş eder.

Toparçalardaky oýunlar — 1-nji duşuşyklar 19-20-nji sentýabrda, 2-nji duşuşyklar 3–4-nji oktýabrda, 3-nji duşuşyklar 24–25-nji oktýabrda, 4-nji duşuşyklar 7–8-nji noýabrda, 5-nji duşuşyklar 28–29-njy noýabrda hem-de 6-njy duşuşyklar 12–13-nji dekabrda geçiriler. 1/8 finalyň duşuşyklary 2024-nji ýylyň 13–14-nji hem-de 20–21-nji fewralynda, çärýek finalyň oýunlary 2024-nji ýylyň 5–6-njy hem-de 12–13-nji martynda, ýarym finalyň duşuşyklary-da 17-nji hem-de 24-nji aprelde oýnalar. Ýaryşyň çempionyny kesgitleýän final duşuşygy 2 ýerde — finala çykan klublaryň hersiniň meýdançasynda oýnalyp, olaryň birinjisi geljek ýylyň 11-nji maýynda, jogap duşuşygy bolsa 18-nji maýda geçiriler.

## GÜNBATAR SEBITIŇ TOPARÇALARY

**«A»:** «Pahtakor» (Özbegistan), «Al Faýha» (Saud Arabystany), «Ahal» (Türkmenistan), «Al Ain» (BAE)

**«B»:** «Al Sadd» (Katar), «Nasaf Garşy» (Özbegistan), «Al-Faýsaly» (Iordaniýa), «Şarjah» (BAE)

**«C»:** «Al-Ittihad» (Saud Arabystany), «Sepahan» (Eýran), «Al-Kuwa Al-Jawiýa» (Yrak), AGMK (Özbegistan)

**«D»:** «Al Hilal» (Saud Arabystany), «Nassaji Mazandaran» (Eýran), «Mumbaý Siti» (Hindistan), «Nawbahor» (Özbegistan)

**«E»:** «Persepolis» (Eýran), «Al-Duhail» (Katar), «Istiklol» (Täjigistan), «Al Nassr» (Saud Arabystany)

## GÜNDOGAR SEBITIŇ TOPARÇALARY:

**«F»:** «Çonbuk Hýundai Motors» (Günorta Koreýa), «Bangkok Ýunaýted» (Tailand), «Lion Siti Seýlors» (Singapur), «Kitçi» (Gonkong)

**«G»:** «Ýokohama F. Marinos» (Ýaponiýa), «Şandun Taişan» (Hytaý), «Kaýa FK-Iloilo» (Filippinler), «Inçhon Ýunaýted» (Günorta Koreýa)

**«H»:** «Buriram Ýunaýted» (Tailand), «Wentforet Kofu» (Ýaponiýa), «Melburn Siti» (Awstraliýa), «Çžeszýan» (Hytaý)

**«I»:** «Ulsan Hýundai» (Günorta Koreýa), «Kawasaki Frontal» (Ýaponiýa), «Johor Darul Ta'zim» (Malaýziýa), «Bi Ji Pathum Ýunaýted» (Tailand)

**«J»:** «Uhan Tri Tawns» (Hytaý), «Phohan Stilers» (Günorta Koreýa), «Hanoi FK» (Wýetnam), «Urawa Red Daýmonds» (Ýaponiýa)

# AFK KUBOGY

AFK Kubogy ýaryşynyň hem toparçalary belli bolup, ýurdumyzyň adyndan 2 klub – «Altyn asyr» hem-de «Merw» toparlary wekilçilik eder. Iki toparymyz hem Merkezi Aziýa sebitinde — «E» toparçada çykyş edip, olar Täjigistanyň «Rawşan» hem-de Gyrgyz Respublikasynyň «Abdyş-Ata» klublary bilen duşuşar. Toparçalardaky duşuşyklar — 1-nji oýunlar 18–21-nji sentýabrda, 2-nji oýunlar 2–5-nji oktýabrda, 3-nji oýunlar 23–26-njy oktýabrda, 4-nji oýunlar 6–9-njy noýabrda, 5-nji oýunlar 27–30-njy noýabrda hem-de 6-njy oýunlar 11–14-nji dekabrda geçiriler. Sebitleýin ýarym final duşuşyklary geljek ýylyň fewral aýynda oýnalar.




Günbatar Aziýa hem-de ASEAN sebitiniň toparçalarynda 1–2-nji orny eýelänler sebitleýin ýarym finalda duşuşar. Günorta Aziýa, Merkezi Aziýa, Gündogar Aziýa sebitlerindäki toparçalaryň ýeňijileri-de sebitara ýarym finalda özara güýç synanyşarlar.

*AFK KUBOGY 2023/24 MÖWSÜMINIŇ TOPARÇALARY:*

**GÜNBATAR SEBITI: «A» toparça:** «Al Ahed» (Liwan), «Al-Fotuwa» (Siriýa), «Jabal Al Mukaber» (Palestina), «Al Nahda» (Oman); **«B» toparça:** «Al-Wehdat» (Iordaniýa), «Kuwait SK» (Kuweýt), «Al-Kahrabaa» (Yrak), «Al Ittihad Ahli Aleppo» (Siriýa); **«C» toparça:** «Al Zawra» (Yrak), «Al Riffa» (Bahreýn), «Nejmeh» (Liwan), «Al Arabi» (Kuweýt); **«D» toparça»:** «Odişa» (Hindistan), «Başundhara Kings» (Bangladeş), «Maziýa Sports» (Maldiwler), «Mohun Bagan» (Hindistan); **MERKEZI AZIÝA SEBITI: «E» toparça:** «Rawşan» (Täjigistan), «Altyn asyr» (Türkmenistan), «Abdyş-Ata» (Gyrgyz Res.), «Merw» (Türkmenistan); **ASEAN SEBITI: «F» toparça:** «Dinamik Herb» (Filippinler), «Makartur» (Awstraliýa), «Şan Ýunaýted» (Mýanma), «Pnompen Krown» (Kamboja); **«G» toparça:** «Terengganu» (Malaýziýa), «Bali Ýunaýted» (Indoneziýa), «Stallion Laguna» (Filippinler), «Sentral Koast Marines» (Awstraliýa); **«H» toparça:** «Haiphong» (Wýetnam), «Hougang Ýunaýted» (Singapur), «Sabah FK» (Malaýziýa), «PSM Makassar» (Indoneziýa); **GÜNDOGAR SEBITI: «I» toparça:** «Çao Pak Kei» (Makao), «Tainan Siti» (Hytaý Taýpei), «FK Ulaanbaatar» (Mongoliýa), «Taiçung Futuro» (Hytaý Taýpeýi).





